Waldemar Zorn

# Ýürek üçin söweş

## Hakyky durmuş we janly iman hakynda gysga söhbetdeşlik

Baýramyň soňky we iň esasy güni
Isa ör turup, mähellä: «Suwsaýanlar
Meniň ýanyma gelip, teşneligini
gandyrsynlar. Kim Maňa iman etse,
Mukaddes Ýazgylarda aýdylyşy ýaly,
onuň içinden ýaşaýyş suwunyň
bulaklary akar» diýip gygyrdy.

Ýohanna 7:37–38

TM

Waldemar Zorn

# Ýürek *üçin* söweş

Hakyky durmuş we janly iman
hakynda gysga söhbetdeşlik

Waldemar Zorn
*Ýürek üçin söweş*
ISBN: 978-3-944772-35-6

«Ýürek üçin söweş»
ilkinji gezek çap edildi.
Hakyky durmuş we janly iman
hakynda gysga söhbetdeşlik

©2017 «Gündogardaky yşyk»

©2020 Türkmen neşiri üçin
Bu kitap, tekst üýtgedilmese,
erkin göçürilip we paýlaşylyp bilner

# Mazmuny


1. Täze başlangyç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6
2. Ýalňyzlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
3. Ýitirilen aragatnaşyk . . . . . . . . . . . . . . . 10
4. Ýürek üçin söweş . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
5. Bilelikde bir ädim . . . . . . . . . . . . . . . . . 14
6. Üýtgetmegiň wagty . . . . . . . . . . . . . . . . 16
7. Hudaý: «indi» diýdi. . . . . . . . . . . . . . . . . 18
8. Aýanlyklar dünýäsinde ýaşaýyş . . . . . . . . 20
9. Sorag galýar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
10. Mesihiçilige garşy sanjymmy ýa-da gutulyş üçin hoşboý ys? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
11. Agzybirlik: ýetip bolmajak maksatmy ýa-da hakykat? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29
12. Kalbyň betbagtlygy. . . . . . . . . . . . . . . . . 32
13. Ybadat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
14. Hudaý bize gulluk berdi . . . . . . . . . . . . . 37
15. Biz nämä bil baglaýarys?. . . . . . . . . . . . . . 40
16. Dartgynly garaşma . . . . . . . . . . . . . . . . . 42
17. Biziň agzybirligimiziň binýady . . . . . . . . . 44
18. Biziň hemmämiz ýolda . . . . . . . . . . . . . . . 46
19. Toba etmek we täzeden dogulmak. . . . . . . . . 48
20. Ýüregiň tabyn bolmasynda . . . . . . . . . . . . 51
21. Sesler dünýäsi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53
22. Front habarlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55

23. Meniň mugallymlarym . . . . . . . . . . . . . . . . 57
24. Hemmelere aýdýaryn: hüşgär boluň!. . . . . . . 59
25. Şaýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
26. Ýuwaş şemalyň öwüsmegi . . . . . . . . . . . . 64
27. Ýeňiji we ajaýyp . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66
28. Kadadan çykmasyz kanun . . . . . . . . . . . . . 68
29. Şol näsaglar üçin. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
30. Atanyň eline eliňi degirmek . . . . . . . . . . 74
31. Ady bilen ygtyýarlyk . . . . . . . . . . . . . . . 76
32. Gögüň Patyşalygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78
33. Onuň islegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 81
34. Doglan gün sowgady . . . . . . . . . . . . . . . . 83
35. Esasy ýörelge . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 86
36. Mesihiniň adaty durmuşy . . . . . . . . . . . . 88
37. Ybadat etmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 90
38. Biziň ýerimiz nirede? . . . . . . . . . . . . . . . 92
39. Ýönekeý formula. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95
40. Mesihilige bagyş edilmeklik biraz bolup geçmeýär . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 98
41. Kadadan çykmasyz . . . . . . . . . . . . . . . . . 100
42. Dert ýamany garrylyk . . . . . . . . . . . . . . . 102
43. Häkimiýet. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 104
44. Kim bilen paýlaşarsyňyz? . . . . . . . . . . . . 107
45. Dönüklik. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109
46. Şahsyýet. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
47. ...We başgasy ýokdur . . . . . . . . . . . . . . . 113
48. Başga biri üçin ýer ýok . . . . . . . . . . . . . . 115

49. Haýat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 117
50. Munuň ähmiýeti bardyr. . . . . . . . . . . . . . . . . . 119
51. Bu supernowa ýyldyzynyň partlamasyndan has uly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122
52. Bakylyga galtaşmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 124
53. Hoş Habar, edil bolşy ýaly . . . . . . . . . . . . . . . . 126

# TÄZE BAŞLANGYÇ

*...Kim Hudaýyň Ogluna iman edýän bolsa, onda ýaşaýyş bardyr.*

Resul Ýohanna

Täze ýyl kimdir biri üçin senenamanyň birinji sahypasy bilen, başga biri üçin — Hudaýa, maşgala, adamlara hyzmat etmegiň ilkinji doga-dilegi bilen başlaýar. Emma bu täze hyjuwlar we kararlar hemişe doly durmuşa geçirilmeýär. Käwagt geçen ýyla ser salanymyzda, Hudaýyň durmuşymyzda barlygyna we bize ýolbaşçylyk edýändigine aň ýetirenimizde, biz çuňňur şatlyk duýýarys. Her günümizi Oňa näçe köp bagyşlasak, geçen ýylymyz şonça-da mazmuna baý bolar we täze ýylymyza has ynamly gadam basarys.

Täze ýyl, täze başlangyç... Hakykatdanam şeýlemi? Täze başlangyç mümkinçiligi — Hudaýyň merhemeti we rehimidir. Emma biziň hemmämiz «täzeden başlap» bilmeris. Durmuşymyzyň hakyky täze başlangyjy, Hudaý

bize Özi bilen gatnaşyk gurmaga mümkinçilik döreden mahaly ýüze çykýar, bu Hudaý bilen gatnaşyklarymyzyň täze başlangyjydyr. Şunuň ýaly täze gatnaşygyň ýokary hiliniň diňe täzeden doglan adam üçin mümkindigini ýatlatsam, men üýtgeşik täze bir zat aýdýan däldirin.

Ynsan tebigaty boýunça günäli, Mukaddes Ýazgyda aýdylyşy ýaly, «depäňizden dabanyňyza çenli» günälidir. Munuň ýaly adam mukaddes Hudaý bilen gatnaşyk gurup bilmez. Şonuň üçin günäli adamyň Hudaýa bolan islendik çemeleşmesi uly gorky bilen baglanyşyklydyr. Ýöne Hudaý dünýäni Özi bilen ýaraşdyran Rebbimiz Isa Mesihiň ölümi arkaly bize «Ata bolan elýeterliligi» açdy. Şeýle hem Ol bizi Özi bilen ýaraşdyryp, Oňa iman edenleriň hemmesine ýokardan, täzeden dogulmagy berdi we bizi Öz çagalary hökmünde kabul etdi.

Bu dünýäde we bütin ömründe adam üçin täzeden doglandygyny ýa-da dogulmandygyny, Hudaýa elýeterliliginiň bardygyny, gutulyşynyň bardygyny ýa-da ebedi ýaşaýşynyň bardygyny bilmekden has möhüm zat ýokdur.

# ÝALŇYZLYK

*Seniň Hudaýyň… seni hiç wagt*
*ýeke taşlamaz we terk etmez.*

MUSA

Hawa, mesihilerem ýalňyz bolýarlar. Olar dostlary tarapyndan dönüklik edilmekden, aýaly tarapyndan taşlanmakdan ýa-da çagalary tarapyndan ýatdan çykarylmakdan ätiýaçlandyrylan däldirler. Ýöne munuň mesihileriň arasynda seýrek bolup geçýändigi hakykat, ýöne barybir bolup geçýär, şonuň üçin biz bu meseläni gozgaýarys. Bir mesihiniň psihologlaryň we sosiologlaryň manysynda hiç haçan ýalňyz däldigini aýtmaga het edip bilýärin, sebäbi Hudaý: «Men hemişe, tä dünýäniň ahyryna çenli siziň bilen bolaryn» diýdi. Hoş Habarlarda Hudaýyň olara aýdyşy ýaly: «adyna iman edenleriň hemmesine Hudaýyň perzentleri bolmak hukugyny berendigini» aýdýan mesihiler hemişe özleriniň Atasy bilen gatnaşykda bolýarlar.

Hudaý bilen gatnaşyk ýüreklere rahatlyk we şatlyk berýär. Bu gatnaşygy diňe günä bozup biler. Hudaý Özüne ynanýanlary diňlemäge, soraglaryna jogap bermäge we meseleleri çözmäge kömek etmäge hemişe taýýardyr. Ýygnaklaryň müňýyllyklardan bäri başdan geçirenleri munuň subutnamasydyr.

Yzarlanmalar, türmeler, gynamalar, kemsitmeler… Isa Mesihe iman edenler soňky ýüz ýylda bolşy ýaly, yzarlanmalara sezewar edilmedi. Ýöne bu yzarlanmalaryň hemmesinde olar hiç zadyň we hiç kimiň olary islendik ýagdaýda — Isa Mesih bilen gatnaşykdan mahrum edip bilmejekdiginden teselli tapýarlar.

Biziň döwrümizde ýaşlaryň başdan geçirýän synaglary ýaşuly nesilleriň başyndan geçirenlerinden tapawutlanýar; şeýtanyň häzirki döwürde ulanýan synag usullary on ýa-da ýüz ýyl mundan ozal ulanan usullaryndan tapawutlanýar. Ýalňyzlyk — bu synagdyr. Käbirleri mundan dynmagyň ugruny alkogol içgilerinden, hetdenaşa lezzet almaga kowalaşyp, ahlaksyzlykdan gözleýärler. Başga birileri dowamly, hakyky gatnaşyk gözleýärler we ony Rebde tapýarlar.

# ÝITIRILEN ARAGATNAŞYK

*Şeýlelikde, hakykaty biliňize guşak edip dakynyň, dogrulygy egniňize sowut edip geýiň. Aýagyňyza bolsa parahatlyk getirýän Hoş Habary wagyz etmek taýynlygyny geýiň.*

Resul Pawlus

– Adam, sen nirede? — bu Hudaýyň Özünden aýrylan, gorkan we özdiýenli adama ýüzlenip aýdan ilkinji sözleri. Hudaýa Adam atany gözlemek gerekdimi? Eýsem Ol onuň nirede gizlenendigini bilenokdymy? Näme bolandygyny bilenokdymy?

Hudaý Adamdan: «Iýme diýip gadagan eden agajymyň miwesinden iýdiňmi?» diýip soraýar. Hudaý muny bilýärdi, ýöne ýoldan çykan adamyň ýüregine barýan ýoly gözläp, ýitirilen gatnaşyklary gözleýärdi.

Bu missiýada ilkinji ädimdir. Isa Özi hakda: «Ynsan Ogly ýitenleri agtarmaga we halas etmäge gelendir» diýdi. Hudaý dünýä gelen her bir adamyň halas

bolmagy üçin hemme zady etdi. Bütin dünýäni Özi bilen ýaraşdyrdy we Özüne ynanýan bize bolsa, Hudaýyň adamlar bilen ýaraşmagy baradaky habaryny bütin dünýä ýaýratmagy tabşyrdy.

Näme üçin Hudaý muny perişdelere ýa-da baş perişdelere däl-de, adamlara tabşyrdy? Bilmedim. Belki, biziň gutulyşy alanymyz üçindir, biz näme hakda gürleýändigimizi şahsy tejribämizden bilýäris we bu hemişe teoretiki pikirlenmekden has gowudyr. Bu ýörelge Rebbimiz we Hudaýymyz tarapyndan ulanylýar: «Şeýlelikde, hakykaty biliňize guşak edip dakynyň, dogrulygy egniňize sowut edip geýiň. Aýagyňyza bolsa parahatlyk getirýän Hoş Habary wagyz etmek taýynlygyny geýiň».

Ýitenleri halas etmek wezipesi — Hudaýyň borjudyr. Adamlary halas etmek üçin hemme zady eden, gözlemek we halas etmek üçin gelen, bizde hereket edýän, Özüne ynanýan bizi Öz keşbine öwürýän, ýüregimizi Öz söýgisi bilen doldurýan Oldur, töweregimizdäki adamlar hut biz arkaly Hudaýyň biliminiň ysyny duýup bilerler. Biziň wezipämiz — günälileri halas etmek, azaşanlary ýola salmak, tapdan düşenleri ruhlandyrmak üçin Hudaý tarapyndan ulanylmagymyzdyr.

Biziň wezipämiz Hoş Habary ýaýratmakdyr.

# ÝÜREK ÜÇIN SÖWEŞ

*Bu dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar,*
*ýöne mert boluň. Men dünýäni ýeňdim!*

Isa Mesih

Goýun sürüleri bir ýerde asuda otlaýar, guşlar höwürtge gurýar, ilkinji miweler ýetişýär we adamlar rahatlykdan hem asudalykdan lezzet alýarlar, bir ýerde uruş gidýär, kimdir biri obasyna düşen bombalardan ölýär ýa-da zorlukdan we kemsidilmeden ejir çekýär. Hatda rahat we asuda oturanymyzda-da ýa-da ybadat edip durkak hem, göze görünmeýän, ýöne hakyky frontda uruş dowam edýär — biziň janymyz üçin gazaply söweş bolýar.

Bu söweş hakyky. Biziň görýän we bize gaty hakyky ýaly görünýän zatlardan has hakykydyr. Biz bu söweşiň seslerini eşidýäris, ýöne Rebbimiz we Halasgärimiz Isa Mesihiň rehimdarlygy sebäpli onuň elhençligini görmeýäris. Bular diňe biziň pikirlerimiz

däl: ýazgarmaly — ýazgarmaly däl, kömek etmeli — özi hötde geler; onuň üçin dileg etmeli — özi günäkär; bular ýüregimizdäki kararlar, aýnadaky ýaly, biziň islegimize, pikirlerimize we hereketlerimize garşy täsir etmek üçin bu dünýäniň ruhy göreşini görkezýär. Isa muny ýöne ýerden aýtmady, ýagny ýüregiň, hut ynsan ýüreginiň — ähli günäleriň çeşmesidigi geň däl. Şol ýerde bize, ýakynlarymyza we töweregimizdäkilere täsir edýän elhenç azaplara sebäp bolýan kararlar döreýär.

Emma adamyň ýüregine seredip bilmersiň. Onda näme bolýandygyny diňe Reb bilýär. Şonuň üçin köp adamlar başgalar hakda hakykata, ruhy dünýäsinde hakykatdanam nämäniň bardygyna däl-de, görýän zatlaryna esaslanyp, netije çykarmak synagyna duçar bolýarlar.

# BILELIKDE BIR ÄDIM

*— Seniň pikiriňçe,*
*bu üç adamyň haýsysy*
*garakçylaryň eline düşen*
*adamyň ýakyny bolýar?*
*— Oňa rehim eden adam.*
*Isa hem oňa şeýle diýdi:*
*— Bar, sen-de şonuň ýaly et.*

Men adamyň pikirlerine we hereketlerine gönükdirilen «oklaryň» onuň niresinde ýerleşýändigini bilemok. Kalbynyň, ýüreginiň, beýnisiniň bir ýerindedir. Ol şol ýerde karar kabul edýär. Ol ýerde ol öz pikirlerini ýamanlyga ýa-da ýagşylyga, özüne ýa-da ýakynyna, Hudaýa ýa-da dünýä gönükdirýär. Bir zat düşnüklidir: adamyň ýüregine geçýän bu oklar hakyky, adamyň kararlary we hereketleri üçin jogapkärçilik çekýändigi hakyky bolşy ýaly hakykatdyr.

Ýakynyňa bolan söýgi hakda köp zat aýdylýar we ýazylýar, şonuň üçin bu hakda täze zat aýtmak kyn. Belki, bu şeýledir. Emma Hudaý üç müň ýyldan gowrak wagt bäri bu hakda gürlemekden ýadamaýar. Hatda Ol On tabşyrygyň içinden ýarysyny Ýaradan bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklara, ýarysyny bolsa adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryna bagyşlady. Bu Onuň üçin örän möhümdir.

Näme üçin adamlaryň hemmesi gam-gussa çekýär? Olaryň meseleleri nirede jemlenýär? Hudaý bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň bozulmagynda. Şonuň üçin bu biziň üçinem möhümdir, şonuň üçin biz özümize we başgalara durmuşda iň möhüm zadyň — gatnaşyklardygyny ýatlatmaga het edip bilýäris. Geliň, bilelikde gideliň! Indiki ädimimizi Hudaýyň ýakynymyz bolmagy bellän adamy bilen bilelikde ädeliň.

Garaňkylykdan ýagtylyga, umytsyzlykdan umyda, biperwaýlykdan söýgä gadam basalyň.

# ÜÝTGETMEGIŇ WAGTY

*Biz nazarymyzy görünýän zatlara*
*däl-de, görünmeýän zatlara dikýäris.*
*Sebäbi görünýän zatlar wagtlaýyn,*
*görünmeýän zatlar bolsa bakydyr.*

Resul Pawlus

Biz çalt we düýpli özgerişler döwründe ýaşaýarys. Ýurtlaryň atlary, döwletleriň serhetleri üýtgeýär. Aragatnaşyk serişdeleri we hatlarymyzy alýanlaryň geografiki salgysy üýtgeýär. Üýtgeşmeleriň köpüsi diýseň begendirýär: ateizmiň ýeňen ýaly bolup görünýän ýurtlarynda ýygnaklaryň ýagyşdan soň kömelek ýaly ösjekdigini kim göz öňüne getirip bilerdi; köp halklaryň taryhynda ilkinji gezek olara Hoş Habaryň geljekdigini; Tuwada, Galmyklarda, Burýatiýada, Ýakutiýada, Merkezi Aziýada, Kawkaz ýurtlarynda adamlaryň Hudaýa geljekdigini, mesihi jemagatlarynyň peýda boljakdygyny; balkarlar we kabardynlar, adygeýler we gazaklar öz ene

dilinde Hudaýyň Sözüni ellerinde saklajakdyklaryny kim göz öňüne getirip bilerdi?

Tagamlar we gyzyklanmalar üýtgeýär. Adamlar biri-birine bolan gatnaşyklary üýtgedýärler. Biziň üçin hemme zat herekete gelip, hiç zada bil baglap bolmaýan ýaly görünýär. Üýtgeşmeler, bize sarsmaz we möhüm ýaly görünýän zatlara — bu dünýäde özümizi kesgitlemekde ýol görkezýän gymmatlyklara-da täsir etdi.

Men muny ýazyp, pikir etdim, bu hakykatdanam şeýlemi? Ýa-da diňe baky gymmaty bolmadyk zady, bil baglamaly däl zady, adamyň durmuşynyň mazmuny we manysy edilmeli däl zady üýtgedýärmi? Üýtgeýän dünýämizde ebedi gelip çykyşynyň üýtgewsiz zatlarynyň bardygyna ynanýaryn, olara özüňizi bütinleý bagyş etmeli.

# HUDAÝ: «INDI» DIÝDI

*Biz bolsa iman edendigimiz üçin,*
*dynçlyk mekanyna gireris.*

Resul Pawlus

Bakylyk — bu çäksiz dowamlylykmy, wagtsyzlykmy ýa-da başga bir döwürmi? Bular diňe teoretiki soraglar, munuň bize gönüden-göni gatnaşygy ýok ýaly görünýär. Emma bu hakykatdanam diňe «dahyly bar ýaly».

Resul Pawlusyň üsti bilen Hudaý bize «asyrlardan we nesillerden gizlenen» köp syrlary, mysal üçin takwalygyň syryny, Ýygnagyň syryny, ölmezligiň syryny, Älem-jahany ýaratmagynyň maksadynyň syryny aýan etdi… Şonuň üçin bakylyk meselesi, Hudaýyň syryna bagyş edilenler hökmünde bize-de gönüden-göni degişlidir. Wagtyň öz täsin hadysasy (Ýewreýlere ýazylan hatda «indi») Hudaý tarapyndan bir maksat üçin döredildi — adamlaryň Isa Mesihe iman edip, Onuň rahatlygyna, şol

hakyky bakylygyň içine girmäge mümkinçilik bermek üçin döredildi. Bu mümkinçilik bize diňe «indi», häzir karar kabul edip biljek wagtymyz, geljegimiz şu günki kararymyza bagly bolanda berilýär.

Bakylyk şeýle bir owadan, şeýle bir gymmatly zat bolmaly welin, Hudaý munuň üçin Özündäki iň gymmatly zady — Öz Ogluny gaýgyrmady, şonuň üçin biz bakylykda nirede ýaşajakdygymyzy saýlamaga mümkinçilik alyp bilýäris. Isa ebedi şöhratyny taşlap, ýamanlykdan, görgülerden, kesellerden, kemsitmelerden doly bolan bu dünýä geldi. Ol biziň wagtymyzy — «indi» ulanyp, bakylyga geçmek üçin bize pursat bermek üçin bakylygy wagt bilen çalyşdy. Isa: «Meniň sözlerimi diňläp, Meni Iberene iman eden adam baky ýaşaýşa eýe bolýandyr, ol höküm edilmez» — diýdi.

Ol näme diýýänini bilýärdi, Ol bakylygy myş-myşlara görä bilmeýär, Onuň Özi ol ýerden geldi we bizi ol ýere çagyrýar.

# AÝANLYKLAR DÜNÝÄSINDE ÝAŞAÝYŞ

*Bu pygamberlik sözlerini ýygnaga okap beryän bagtlydyr! Bu sözleri eşidip, olary ýerine ýetirýän bagtlydyr, çünki bu pygamberligiň berjaý bolmaly wagty golaýdyr.*

Resul Ýohanna

Mukaddes Ýazgylarda biziň ýaşaýan dünýämize düşünmegimiziň açary bolan tekstler bar. Şeýle tekstler köp. Mukaddes Kitaby okaýanlaryň her biri üçin bu başgaça bolup biler: bu örän şahsydyr — Hudaýyň gizlenen hakykaty adama nädip açýandygydyr.

Bu meselede Mukaddes Kitabyň soňky kitaby bolan Aýanlyk kitaby aýratyn bellärliklidir. Dabaraly we ajaýyp görnüşde, Hudaý mesihilere bir şekili beýlekisiniň yzyndan, bir barlyk derejesini beýlekisiniň yzyndan açyp görkezýär. Şol bir hadysanyň birnäçe ugurda birbada ýüze çykýandygyny görkezýär: gökde,

ýerde, ruhda. Ol Öz yzyna eýerijilere Halasgär dünýä ineninde, Isa Mesih haçda ölende ruhy älemde nämeleriň bolýandygyny görkezýär.

Aýanlyk kitaby bir okyjy üçin — mesihiligiň birinji asyrlarynda giňden ýaýran ahyrzaman görnüşindäki edebi eser, beýleki biri üçin bolsa, bu Hudaýyň aýanlygydyr. Aýanlykda Ýaradan hakyky zatlara göz aýlamaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin «bu pygamberlik sözlerini ýygnaga okap berýän bagtlydyr! Bu sözleri eşidip, olary ýerine ýetirýän bagtlydyr, çünki bu pygamberligiň berjaý bolmaly wagty golaýdyr». Bu aýanlyk imanly adama dünýä nähili bolsa, şonuň ýaly görmäge mümkinçilik berýär: ähli görünýän we görünmeýän hakykaty görmäge mümkinçilik berýär.

Gadyrly okyjylar, men siziň araňyzdaky imanlylaryň, bu setirleri okap, Hudaýyň durmuşyňyzda Öz barlygynyň syryny her biriňize nädip aýan edendigini ýadyňyza salandygyňyzy bilýärin, size ýa-da bu wakanyň arkasynda Onuň Özüniň durandygyny nädip görkezendigini, täsin şypa alandygyňyzy ýa-da howpdan halas bolandygyňyzy görmek bilen, hakyky ruhy dünýä nähili ynanandygyňyzy bilýärin. Biz hemişe Hudaýyň perişdelerini görmeýäris, ýöne köplenç olaryň hereketleriniň netijesini görýäris.

Biz hakykatdanam ruhy dünýäniň edil görünýän dünýämiz ýaly hakykydygyna aň ýetirýärismi, «Ol ölmezligiň ýeke-täk Eýesidir. Ol ynsanyň gözüni gamaşdyrýan nurda ýaşaýar, Ony hiç bir ynsan görmedi,

görüp-de bilmez. Ol Isa Mesihi Öz bellän wagtynda iberer. Hormat we gudrat baky Onuňky bolsun! Omyn» diýýän Kişä näderejede ynanýarys?

# SORAG GALÝAR

*Merýem bu sözleriň ählisini*
*ýüreginde saklaýardy.*

LUKA

Men köp gezek şu sorag bilen ýüzbe-ýüz boldum: näme üçin ähli slawýan ybadathanalarynda erkeklerden aýallar köp? Özem, olar diýseň köp. Adaty jogap: aýallar has duýgur bolýarlar we şonuň üçin Hoş Habary has aňsat kabul edýärler. Men munuň şeýledigini ýa-da däldigini aýdyp biljek däl.

Mysal üçin, Wera Kuşnir aýallaryň ortaça erkeklerden has uzak ýaşaýandygy sebäpli, Sowet döwründe diňe garrylar ybadathana gidenlerinde, esasan olaryň aýallar bolandygyna ynanýar.

Hoş Habarçy Andreý Bondarenko Hudaýa ýüzlenmek üçin adamyň öz ejizligine düşünmelidigini we namys mertebesi bolan hudaýsyz jemgyýetde önüp-ösen erkek adam üçin munuň has kyn bolandygyny aýdýar. Umuman

alanyňda, Russiýada gadymy döwürlerden bäri şuňa ynanýardylar: ybadathana aýallaryň kysmaty, erkekler bolsa meýdançalarda özlerini erkin duýýarlar.

Ol bir uly rus obasynda çadyrda Hoş Habary wagyz etmegiň nähili bolandygyny gürrüň berdi. Agşam çadyra diňe birnäçe aýallar geldi. Hoş Habarçylar ertesi gün obanyň ähli öýlerine baryp, adamlary hut özleri çagyrmagy karar etdiler. Şeýle-de bolsa, ýekeje-de serhoş däl adama duşmadylar! Andreý: «Serhoşlykda ölýän adamlaryň elhençliginden we umytsyzlygyndan ýaňa biz çagalar kimin agladyk» — diýdi.

Mukaddes Kitaby okamak bilen, men Hudaýyň dünýäni halas etmek meýilnamasynda aýallaryň möhüm rol oýnaýandygyna ynanýaryn. Ýaňy-ýakynda men Hudaýyň adama ýagşyny we ýamany bilmek agajyndan iýmezligi Adama onuň üçin jora ýaratmazdan öň buýrandygyna üns berdim, sebäbi «adamyň ýeke bolmagy gowy däldi». Adam Hudaýyň buýrugyny Howa ýeterlik derejede ýetirdimi? Ýylan Howy synaga salan wagty Adam nirededi? Hudaý Halasgär hakdaky ilkinji pygamberligi Howa ýetirdi, Ol ýylana: «Seniň bilen aýalyň, seniň tohumyň bilen aýalyň tohumynyň arasyna duşmançylyk salaryn. Ol seniň kelläňi owradar, sen bolsa onuň dabanyndan çakarsyň» diýdi.

Hudaýyň soragyna Adam jogap berende, günäni Hudaýyň beren aýalynyň üstüne atýandygyna, şeýlelik bilen gytaklaýyn Hudaýy günäkärländigine üns

berdiňizmi? Aýal näme diýýär? Ol ýönekeý şeýle diýýär: «Ýylan meni aldady, menem iýdim». Aýallarda ilki başdan öz günäsini boýun almaga taýyn bir zat bar, üstesine-de erkeklere garanyňda, bu has aýdyň görünýär. Belki, bu munuň jogabydyr?

# MESIHIÇILIGE GARŞY SANJYMMY ÝA-DA GUTULYŞ ÜÇIN HOŞBOÝ YS?

*Ine, Men sizi möjekleriň arasyna goýunlar kimin ýollaýaryn.*

ISA MESIH

Bu sözler imanlylar bilen imansyzlaryň arasyndaky baglanyşygy kesgitleýärmi? Bu sözleri durmuş maksatnamasy hökmünde kabul edýän ýurtlar bar. Ol ýerde Isa Mesihe iman edenler öldürilýär, ýakylýar, ezilýär we kemsidilýär. Emma Isa Mesihe Reb hökmünde hormat bilen ynanýan ýurtlar bar, belli bir ýiti garaýyşlar bilen seredeniňde, hatda prezidentlige saýlanyp bolýan ýurtlaram bar.

Imanlylar bilen imansyzlaryň arasynda gatnaşyklar nähili ösmeli? Resul Pawlus bu hakda şeýle ýazýar: «Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly ýörişine

bizi elmydama şärik edýär. Hudaý Özi baradaky bilimi biz arkaly ähli ýere müşk-anbar kimin ýaýýar. Çünki biz gutulyş ýolundan barýanlaryň-da, heläkçilik ýolundan barýanlaryň-da arasynda Hudaý üçin Mesihiň müşki-anbarydyrys» (2 Korintoslylar 2:14–15).

Mesihileriň bu dünýäde aýratyn maksady bar we Hudaýyň hem olar üçin belli bir meýilnamalary we niýetleri bar. Onuň dünýä aýtmaly bir zady bar we Ol muny «Onuň tebigatyna şärik bolmaklyga» hormat goýýanlaryň üsti bilen ýerine ýetirmek isleýär (2 Petrus 1:4). Bu biziň başlangyjymyz däl, biziň boýun bolmaklygymyz däl, hatda biziň edýän tagallalarymyz hem däl, bu imansyzlaryň imanlylar bilen gatnaşyga girip, Hoş Habary «ýokaşdyrmagy» arkaly Onuň edýän hereketidir. Hoşboý ysyny her ýerde biziň üstümiz bilen ýaýradýan Hudaýdyr: käbirleri üçin halas bolmaga, başga birileri üçin bolsa, ölüme. Şonuň üçin, Oňa eýýäm iman edenlere eden aýratyn çagyryşy, Oňa doly boýun bolup, tutuş ömrüni bütinleý Oňa bagyşlamakdyr.

Dünýä we dünýädäki baglanyşyklar ýa-da kanunylyk sebäpli ejizlän imanly adamyň durmuşy nähili bolsa-da imansyz adamyň durmuşyndan tapawutlanýar, bu dogry. Ýöne beýle durmuş başgalara halas etmek üçin hyzmat edip bilermi? Ýa-da bu has dogrusy Hoş Habaryň garşysyna bolan sanjymymy? Gowşak kesel dörediji adamyň immunitetini ösdürmek üçin waksina hökmünde ulanylyşy ýaly, «gowşak mesihilik» hem

başga birini halas bolmaga getirmeýär-de, mesihiçilige garşy immunitet döredýär. Bu ýerde mesihiligiň nämede gowşandygy möhüm däl: mynasyp bolmadyk şahsy durmuş, Hoş Habaryň mesihilik kanunçylygynyň ornuny tutmagy, halas bolmak meselelerinde sowatsyzlyk ýa-da Hudaýyň merhemetine bimany düşünmeklik.

# AGZYBIRLIK: ÝETIP BOLMAJAK MAKSATMY ÝA-DA HAKYKAT?

*Olaryň hemmesi bir bolsun.*
*Ata, Seniň Mende,*
*Meniň-de Sende bolşum ýaly,*
*olar hem Bizde bolsunlar.*

Isa Mesih

Ýalan hakykata gaty ýakyn bolanda, bu örän howply bolýar. Hudaý tarapyndan kesgitlenen gymmatlyklar umumy kabul edilen, «ählumumy» gymmatlyklar bilen çalşyrylsa, betbagtçylyk gutulgysyzdyr.

Resul Pawlusyň sözlerine görä, bikanunlygyň syry eýýäm hereket edýär. Mesihiň ýygnagy — Onuň halas edýän gurbanlygyna ynanýanlar, Hudaýyň Sözüne eýerýänler we çyn ýürekden Hudaýyň göwnünden turmak isleýänler — bu döwrüň we dünýäniň ruhunyň basyşy astynda bolýarlar. Mesihiň özlerine ynanylan baýlygyndan asyrlar boýy imanlylar tarapyndan näçe

gymmatlyk ýitirildi! Olaryň biri hem agzybirlikdir. Agzybirlik: ýetip bolmajak maksatmy ýa-da hakykat?

Haçanda 1789-njy ýylda parižliler Bastiliýa hüjüm edenlerinde, «Erkinlik. Deňlik. Doganlyk» şygary olary ruhlandyrdy. Eýsem bu şygar örän ajaýyp dälmi?

Emma… Nämeden azatlyk? Dinden we onuň ahlak kadalaryndan. Deňlik? Almaly we paýlamaly! Munuň soňunyň nähili gutarýandygyny, bu ýörelge bilen ýaşamaga synanyşýan ähli ýurtlaryň mysalynda görýäris.

Doganlyk? Kim bilen? Diňe synp duşmany bilen däl! Bu biziň hemmämize nähili tanyş! «Men Rebbiň guly» diýmegiň deregine — «Adam! Bu buýsançly eşidilýär!» Dürlülikde deňlik we ýakynyňa bolan söýginiň deregine — «Ähli adamlar deňdir, ýöne käbirileri beýlekilerden has deňdir». Hudaýyň maşgalasynda doganlygyň ýerine — ýaragda ýa-da bir partiýada doganlyk bar. Bu surrogatlaryň nirä alyp barýandygyny bizem bilýäris.

Başga ýene bir howp bar. Bu sözler: «Agzybirlik üçin göreşmeli, agzybirlige ýetmeli» diýmekde jemlenýär. Bu hem dogry diýen ýaly. Ýöne diňe diýen ýaly. Munuň üçin söweşmeli däl. Ýeke-täk Rebbe we Hudaýa esaslanýan ruhuň bitewiligi, edil halas bolmagy we merhemet peşgeşini kabul edişimiz ýaly, bütin ýüregimiz bilen kabul edilmelidir. Kabul et we durmuşa geçir.

Mesihiň ýygnagynyň agzalary bolan biz bölünişikden we duşmançylykdan ejir çekýän adamlary ýazgarmaly

däldiris. Rebbimiz, Patyşamyz we Hudaýymyz Isa Mesih biziň Hudaýyň tebigatyna şärik bolmagymyz üçin, hakyky doganlar, Onuň Atasynyň bir maşgalasynyň agzalary bolmagymyz üçin Öz gany bilen töledi. Onuň doganlary! Mukaddes Ruha eýe bolmak bilen (kimde Mesihiň Ruhy ýok bolsa, onda Onuň Özi hem ýokdur), biz bu dünýädäki Hudaýyň ähli çagalaryna dogandyrys we uýadyrys.

Bu dünýäde Mesihiň ýygnagyndan, mesihileriň öz aralarynda we Hudaý bilen jebisliginden has uly gudrat ýok, olar aslynda günälidirler, ýöne kanun boýunça mukaddesdirler.

# KALBYŇ BETBAGTLYGY

*Siz biri-biriňizden öwgüler kabul edýärsiňiz,*
*emma ýeke-täk Hudaýyň öwgüsini gazanmaga*
*çalyşmaýarsyňyz. Onsoň nädip sizde iman bolsun?*

ISA MESIH

Ýaňy-ýakynda men birinji we ikinji Şamuwel kitaplaryny täzeden okadym we Ysraýylyň birinji patyşasy Şawulyň ykbalyny yzarlanymda, meniň ýüregim hasratdan doldy. Dawudyň näme üçin iň erbet duşmany üçin gözýaş döküp ýas tutýandygyna düşünýärin. Şawul Ysraýylyň iň kiçi taýpasyndan, benýamin taýpasyndan we hiç hili üýtgeşik däl maşgaladan gelip çykdy. Sada, görmegeý we güýçli ýigit halkyň arasynda hormat döretdi. Onuň Hudaýyň duşmany bolmagy nädip ýüze çykdy?

Patyşalyk kitaplarynyň awtory Şamuwel birnäçe aýratyn häsiýetler bilen, Şawulyň Hudaýdan aýra düşen

ýoluny suratlandyrýar. Men siz olara üns berensiňiz diýip pikir edýärin.

Ol ruhany bolmasa-da, gurbanlyk bermek hukugyny özüne ulandy.

Ol Hudaýa boýun egmedi we amalekler baradaky beren Onuň buýrugyny ýerine ýetirmedi.

Şawul üçin adamlaryň ol hakdaky pikiri Hudaýyň pikir edişinden we hatda özi hakda aýdýanlaryndan has möhümdi:

Şawul Şamuwele: «Bolýar, eger Hudaý eýýäm menden ýüz öwren bolsa, iň bolmanda halk ýaşulularynyň öňünde, meni beýle etmäweri» diýdi.

Şamuwel Şawulyň Karmel dagynda özüne ýadygärlik gurandygyny bildi. Pygamber patyşa bilen duşuşanda, ondan: «Özüňi ähmiýetsiz kiçi saýsaň-da, sen ysraýyl tireleriniň kethudasy dälmi eýsem? Reb seni Ysraýylyň üstünden şalyk sürmäge saýlamadymy?» diýip sorady.

Pespäl adamyň özüne ýadygärlik gurýan ýoly, Hudaýdan aýra salýan ýoludyr. Bu Mukaddes Kitapda beýan edilen Ysraýylyň birinji patyşasynyň betbagtlygy Hudaýa gulluga çagyrylanlarynyň hemmesine duýduryş hökmünde beýan edilendir.

Hudaýyň çagyryşlary we peşgeşleri berkdir — bu dogry we omyn. Emma çagyryşyň özi tekepbirlige we Hudaý bilen baglanyşykly ýoldan çykmaga garşy kepillik däldir. Hudaýyň Sözi: «Hudaý tekepbirlere garşy» diýýär.

Mukaddes Ýazgy birek-birege öwüt bermäge, ruhlandyrmaga, öwretmäge we duýduryş bermäge çagyrýar, biz «şol günüň ýakynlaşýandygyny görýäris».

Biz mesihileriň hemmesi muňa mätäç — Mesihiň Hoş Habarynyň nuruny dünýä ýetirmek üçin Rebden beýik tabşyryk almaga çagyrylandyrys.

# YBADAT

*Emma şeýle bir wagt geler, hakyky sežde edýänler Ata ruhda we hakykatda sežde ederler. Ol wagt eýýäm geldi! Ata Özüne şeýle sežde edýänleri agtarýar.*

Isa Mesih

Soňky ýyllarda protestant ybadathanalarynyň köpüsinde ybadat diýip atlandyrylýan nagma aýtmagyň belli bir görnüşi (köplenç gullugyň başynda) giňden ýaýrady. Ruhy çopanlar, hor we aýdym-saz ýolbaşçylary ýygnagyň ýürekleri «aýratyn ybadat ýagdaýyna» gelmegi üçin, ybadatlary we şygarlary guramagyň usulyny öwredýän «dogry» ybadata bagyşlanan seminarlara we maslahatlara çagyrylýar. Bu hereketi seljermek ýa-da tankytlamak islämok, ýöne öňki sözlemdäki sitata bellikleri aňly-düşünjeli men tarapyndan goýuldy.

Näme üçin? Sebäbi bu saz guraly organyň dabaraly sazyny haýran galdyryjy hasaplaýaryn we Älem-jahanyň Ýaradyjysynyň beýikligi, täze doglan çagany gujagyna alyp, düşündirip bolmajak täze ys bilen dem alýan enäniň ýa-da kakanyň täsirli we minnetdar ýüregi hakda pikirlenmäge mejbur edýän ruha eýe bolýaryn, dul ýa-da syrkaw adama kömek etmek we başga-da köp dürli ýardamlar — hakyky ybadat bolup durýar. Hudaýa we Ýaradanymyza, Halasgärimize we Atamyza, we Ýygnagyň Başy Isa Mesihe ybadat ediň.

Ybadat — ýygnagyň başynda kalbyň belli bir keýpinden has ýokary, Mukaddes Söz ýa-da doga-dileg eşideniňde, endamyň çümşüldemesinden has beýikdir. Ybadat — durmuşyňyzy Hudaýa tabyn etmekdir, her bir karar kabul edeniňizde, Onuň bilen ylalaşmakdyr. Ybadat — her bir pikirimiziň we her bir işimiziň Onuň güýjüne ýesir bolmagydyr. Ybadat — imanly adamyň Hudaýa bolan gatnaşygyndaky adaty ýagdaýydyr.

# HUDAÝ BIZE GULLUK BERDI

*...Ýaraşdyrma baradaky habaryny bolsa bize tabşyrdy*.

RESUL PAWLUS

Men «biz» diýenimde tutuş ýygnagy göz öňünde tutýaryn we ýaraşygy göz öňünde tutýaryn. Jedeller, dawa-jenjel, duşmançylyk, ýigrenç, adam öldürmek, terrorçylyk — ähli habar beriş serişdeleri şeýle täzeliklerden doly. Näme üçin hemmämiziň söýýän dünýämizde beýle ýigrenji zalymlyk bar? Resul Ýakup hem bu soragy berýär: «Araňyzdaky çaknyşykly gowgalar we dawa-jenjeller nireden döreýär? Kalbyňyzda söweş edýän pis höwesleriňizden dälmi?» Muňa onuň özi jogap berýär: «Siz isleýärsiňiz, emma hiç zat gazanmaýarsyňyz; adam öldürýärsiňiz, göriplik edýärsiňiz, emma hiç bir maksadyňyza ýetip bilmeýärsiňiz; dawa-jenjeldir galmagal turuzýarsyňyz, emma hiç

zat gazanmaýarsyňyz, sebäbi Hudaýdan dilemeýärsiňiz. Diläniňizde-de, hiç zat almaýarsyňyz, sebäbi ýaman niýet bilen, öz nebsiňizi doýurmak üçin dileýärsiňiz». Dünýädäki bu erbetlikleriň hemmesi adam ýüreginiň ýamanlygyndan döreýär.

Emma adamlaryň arasyndaky duşmançylyk diňe erbet netijedir. Adamyň Hudaý bilen duşmançylygynyň netijesidir. Hudaý bilen adamyň arasyndaky duşmançylyk adamyň günäsi sebäplidir. Şonuň üçin Hudaýyň Özi Isa Mesihiň gurbanlygy arkaly dünýäni Özi bilen ýaraşdyrdy. Ol Özi bilen bu ýaraşygy her bir adama hödürleýär. Ýamanlyga we görgülere duçar bolan adamlar üçin eden dogamyz, Hudaý bilen adamyň ýaraşmagyna gatnaşmakdan başga zat däldir. Hudaý bizi bu gulluga çagyrdy: «Bularyň bary Hudaýdandyr. Ol Isa Mesih arkaly bizi Özi bilen ýaraşdyryp, bize ýaraşdyrma hyzmatyny tabşyrdy. Hawa, Hudaý ynsanlaryň günälerini hasaba alman, Isa Mesih arkaly dünýäni Özi bilen ýaraşdyrdy. Ýaraşdyrma baradaky habaryny bolsa bize tabşyrdy».

Biziň ähli gullugymyz bir maksada eýerýär — adamlara Hudaý bilen ýaraşmaga kömek etmekdir. Ýöne ähli gulluklaryň arasynda iň möhüm zat — doga-dilegdir. Adamlar bilen Hudaýyň arasynda ýaraşyk serişdesi hökmünde biz mesihi däl dostlarymyz we goňşularymyz, işdeşlerimiz we ýolagçy ýoldaşlarymyz, ýakynlarymyz we duşmanlarymyz üçin doga-dileg edýäris. Biz adamlar

üçin Hudaýa doga edip, halas bolmagyň beýik işine gatnaşýarys. Bu Hudaýyň islegi.

Bu gullugy bize Ol berdi.

# BIZ NÄMÄ BIL BAGLAÝARYS?

*…sebäbi ol Hudaýyň güýjüdir. Hudaý bu Hoş Habar arkaly her bir iman edeni halas edýär.*

Resul Pawlus

Şatlykly Habar, ýagny Hoş Habar — Hudaýyň biziň üçin eden işleri, Onuň biziň üçin kim bolany, Özüni söýýänleriň hemmesi üçin taýýarlan zatlaryna ynanyp bolýarmy ýa-da bolmaýanlygydyr. Hoş Habary kabul edip ýa-da ret edip bolýar, oňa minnetdar bolup bilersiňiz ýa-da ony äsgermezlik edip bilersiňiz. Ony bu dünýä Getirene, biziň Halasgärimiz Isa Mesihe hormat we tolgunmak bilen, begenç we şatlyk bilen baş egip bilersiňiz.

Hoş Habary wagyz etmek elmydama dartgynlylyk döredýär, sebäbi ony eşidenleriň hemmesiniň öňünde saýlaw etmek durýar: kabul etmek ýa-da ret etmek. Üçünji görnüşi ýok. Bu günäde ýaşaýanlarda dartgynlylyk

döredýär, sebäbi günälini Özi bilen ýaraşdyrmak Hudaý üçin nämä durýandygyny — haçyň agyrylaryny görkezýär. Emma Hoş Habar dindarlaryň özleri hakda aýdyşy ýaly, «Hudaýa barýanlaryň» arasynda hasam köp dartgynlyk döredýär. Hoş Habary kabul etmeklik aç-açan günä edýän adamlar tarapyndan däl-de, dindar adamlar tarapyndan has duşmançylykly kabul edilýär, sebäbi olaryň halas bolmagy üçin möhüm bir zat etmäge takwa bolmaklary we edýän synanyşyklary puja çykýar.

Isanyň günäkärler hakda fariseýlere: «olar Hudaýyň Patyşalygyna sizden öň girerler» diýmegi ýöne ýerden däldi. Hoş Habar — üýtgediji ygtyýarlyk we güýç bilen bizde üýtgeşiklik döredýär. Şonuň üçin Hudaý bize dini wagyz etmezligi tabşyrdy — bu hiç kimi gowulaşdyryp bilmeýär, eýsem Ol Hoş Habary wagyz etmegi tabşyrdy, «sebäbi ol Hudaýyň güýjüdir. Hudaý bu Hoş Habar arkaly her bir iman edeni halas edýär» (Rimliler 1:16).

# DARTGYNLY GARAŞMA

*Şonuň üçin oýa boluň, sebäbi Rebbiňiziň haýsy gün geljegini bilmeýärsiňiz.*

ISA MESIH

Ine, ýene partlamalar boldy. Ýene-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleri elhenç sanlary berýär we elhenç suratlary çap edýär. Adamlaryň ýüreginde gorky, gahar, ýigrenç… we dartgynly umyt bar: indiki gezek nirede? Munuň size şahsy täsir etmejekdigine, başga bir ýerde bolup geçjekdigine geň ynam bar, siz partlamanyň gykylygyndan ker bolmazdan we kör bolmazdan bu barada soňky habarlaryň üsti bilen bilýärsiňiz.

Lukanyň Hoş Habarynda beýan edilen wakany ýada salalyň: Şol wagt birnäçe adam gelip, Pilatyň jelilelilere eden ýowuzlyklary barada Isa habar berdiler. Pilat olaryň käbirini öldürip, olaryň ganlaryny kesip duran gurbanlyklaryna goşupdy. Isa şeýle jogap berdi: «Şeýle ejir çeken bu jelilelileri beýleki ähli jelilelilerden has

köp günäli hasaplaýarsyňyzmy? Elbetde, ýok! Emma toba etmeseňiz, siziň hemmäňiz şolar ýaly heläk bolarsyňyz. Ýa-da Siloýam minarasy üstlerine ýykylyp ölen on sekiz adam ýadyňyzda dälmi? Eýsem şolar Iýerusalimdäkilerden has köp ýazyklydyr öýdýäňizmi? Elbetde, ýok! Emma toba etmeseňiz, siziň hemmäňiz şolar ýaly heläk bolarsyňyz».

Isa bu dünýäde bolup geçýän zatlaryň hemmesiniň ýüregimizde dogry täsir döretmelidigini aýtdy. Bütin dünýä, bütin adamzat elhenç ölüme tarap barýar. Bu aýylganç wakalar her bir adamyň geljekki ykbalydyr. Diňe toba eden, eýýäm Mesihiň elinden bagyşlanma kabul eden adamlar hiç hili dartgynsyz, gorkudan basylmaga garaşman, geljekdäki wakalara tarap aýgytly hereket edip bilerler. Elbetde, bu olara anyk degmez — muny Isa söz berdi. Şeýle betbagtçylyklar hakda eşidenimizde, Ol biziň başymyzy göge galdyrmalydygymyzy aýtdy: Rebbimiz ýakyn wagtda geler. «Ýene az salymdan şol Geljek hökman geler, eglenmez».

# BIZIŇ AGZYBIRLIGIMIZIŇ BINÝADY

*Atamyz…*

Isa Mesih

Teologlar Ýohannanyň birinji hatyny ömrüniň ahyrynda ýazandygyny aýdýarlar, bu özüniň ruhy tejribesini imanlylaryň täze nesli bilen paýlaşmak we halas bolmagymyzyň esasyny düzýän taglymatyň düýp manysyny olara ýetirmek üçin ýazylan. Beýik resul Hudaý bilen biri-birimiziň gatnaşygymyzyň hakykatyny ruhy durmuş we öwretmek tejribesiniň iň ýokary nokady hasaplaýar. Aragatnaşyk diňe bir pikirleriň umumylygy, şol bir gyzyklanmalar we maksatlaryň yzygiderliligi däldir.

Hudaý bilen gatnaşygymyz, Oňa iman edenleriň hemmesine «Öz Ruhuny berendigi» hakyndaky hakykatdyr, şeýlelik bilen, resul Petrusyň beýan etmesine görä, Ol biziň hemmämize «Özüniň tebigatyna şärik bolmagymyzy berdi».

Bu biziň Hudaý bilen gatnaşygymyz, Mesihiň ýygnagynyň ähli agzalarynyň eýe bolan syry, biri-biri bilen hakyky gatnaşykda bolmagyň syrydyr. Mukaddes Ýazgy biziň hemmämiziň Halasgärimiz Isa Mesihiň gany bilen halas edilendigimizi, hemmämiziň bir Atanyň çagalarydygymyzy, hemmämiziň bir Mugallymymyzyň — Mukaddes Ruhuň bardygyny, hemmämiziň şol bir ýoldan, iman ýolundan ýöreýändigimizi, hemmämiziň bir watanymyz — Rebbimiziň Gökdäki Patyşalygynyň bardygyny aýdýar, Ol biziň hemmämize şol ýerde garaşýar. Biziň gatnaşyklarymyzyň şeýle çuňňur we hakyky esaslary bar welin, olaryň durmuşa geçirilmegi, bizi özümize beren bu baýlygy üçin hemişe Hudaýa şükür etmäge höwes döredýär.

Her gezek Hudaýa doga edip, ybadat edenimizde, şol bir ýagdaýdaky beýleki millionlarça adam bilen tanyş ýaly bolýarys, olar bize tanyşmy ýa-da dälmi, biziň dinimize degişlimi ýa-da ýokmy, ýakynmy ýa-da müňlerçe mil uzaklykdamy, tapawudy ýok.

Ybadat etmek üçin Hudaýyň tagtyna gelenimizde, diňe Onuň huzurynda millionlarça adam bilen birlikde bize hormat goýandygyna begenip bileris. Hudaý we Onuň ýygnagy bilen gatnaşygymyzyň beýany hökmünde doga-dileg etmek uly artykmaçlykdyr.

Şonuň üçin biz «Atam» däl-de, «Atamyz» diýip doga edýäris.

# BIZIŇ HEMMÄMIZ ÝOLDA

*Men olara baky ýaşaýyş berýärin.*
*Olar asla heläk bolmaz.*

Isa Mesih

Wakalar — biri beýlekisinden has aýylganç, geljek ýyl-ýyldan has howply we umytsyz görünýär. Bütin dünýäni basyp almagy maksat edinen terrorçylyk guramalarynyň sanyny hasaplap bolanok. Sarsmaz we doly ygtybarly ýaly görünen maliýe ulgamlary bökdelýär. Ruhy gurluşyny we güýjüni ýitiren ýygnaklar, «nädogry» pikirlenmäge het eden Hudaýyň çagalaryna garşy göreşýän konfessiýalar… Dünýä öz binýadynda titreýär. Şonuň üçin antihrist mukaddesler bilen soňky söweşini etmek üçin başyny galdyrýan ýaly görünýär.

Daş-töweregimizdäki adamlar, belki-de özümiz hem, gündelik aladalara şeýle bir siňýäris welin, hatda başymyzy asmana götermäge-de wagtymyz ýok. Şonuň

üçin Jon Benýanyň «Zyýaratçynyň syýahaty» atly bu kitabynda, «Hysyrdyly ýarmarka» bölüminde biderek durmuşyň ussatlarça beýan edilmegi deňeşdirme getirmegimizi soraýar. Güýmenje, güýmenje, güýmenje… Adamlar bu synaga höwes bilen we wepalylyk bilen boýun egýärler: has gorkunç, hatda has çalt, hatda has ýagty, hatda has çuň, hatda has gödek, hatda has utançsyz. Dowzaha barýan ýol köp ýörelip ýenjilen, dowzaha barýan ýol şeýle köp mahabat bilen serhetleşýär welin, eýýäm mundan başga elhençlikler kelläňe gelmeýär.

Meniň häzir Ýarl Nikolaýewiç Peýstiniň baý we Lazar hakda 40 ýyl mundan ozal eden wagzy ýadyma düşýär. Ol meni gaty geň galdyrdy. Iki müň ýyl mundan ozal baý adam dilini sowatmak üçin hatda bir damja suw sorapdy, «sebäbi bu oduň içinde men ejir çekýärin» diýdi we onuň haýyşy henizem kanagatlandyrylmady we hiç haçan kanagatlandyrylmaz. Bu elhenç!

Mümkin boldugyça köp adamyň elhenç ykbaldan halas bolmagy üçin siz ähli wagtyňyzy we ähli güýjüňizi sarp etmeli.

# TOBA ETMEK WE TÄZEDEN DOGULMAK

*Bedenden doglan bedendir,*
*Mukaddes Ruhdan doglan ruhdur.*

Isa Mesih

Hudaýa bolan dogry garaýyş kimi alada goýmaýar?! Toba etmek. Bu köpler üçin Hudaýyň huzuryna gapy açýan açardyr. Belli bir derejede bu dogry.

Mukaddes Ýazgy: «Dogry adam ýok, ýok ýeke biri-de… Dogruçyl adam ýok, hatda biri-de ýok… Hemmeler günä edip, Hudaýyň şöhratyndan mahrum boldular» diýýär.

Mysal üçin, Ýudas Iskariýody alalyň. Ol dönüklik edip, Mugallymyny 30 kümüş şekele satdy. Rim esgerleriniň Isa nähili darandyklaryny, Isanyň nähili ejirleri çekmeli bolandygyny gören Ýudas eden işine ökünip toba etdi. Diňe toba etmän, otuz teňňe kümşi yzyna, ýolbaşçy ruhanylar bilen ýaşululara getirip: «Men bigünä kişä haýynlyk edip, günä gazandym» diýdi. Olar-da: «Bize

näme, muňa özüň jogap berýäň» diýdiler. Ýudas kümüşleri olaryň aýaklarynyň aşagyna zyňdy-da, çykyp gaýtdy. Soňra gidip, özüni asdy. Görnüşine görä, onuň bize mälim bolan toba alamatlarynyň hemmesi bar, ýöne bu toba edilen wagtynda nämedir bir zat kemdi.

Başga bir mysal. Garakçylar Isanyň gapdalynda haça çüýlendi. Iki garakçy. Olardan biri, Isanyň haça çüýlänler tarapyndan nähili masgaralanýandygyny görüp, bu töhmetlere goşuldy. Isanyň haçyna çüýlenen ýazgy ýadyňyzdamy? «Bu ýahudylaryň Patyşasy Isa». Beýlekisi? Başga biri ýoldaşyna käýäp: «Sen Hudaýdan gorkaňokmy? Sen hem Onuň bilen bir jezany çekýärsiň! Biz öz etmişimize laýyk adalatly jeza aldyk. Emma bu adam hiç hili erbetlik etmedi ahyry» diýdi. Onsoň ol: «Isa, Şalygyňa baran çagyň meni ýatlagyn!» diýdi. Isa hem oňa: «Saňa dogrusyny aýdýaryn, sen şu gün Meniň bilen bile jennetde bolarsyň» diýdi.

Isa bir gezek özünden maslahat soramak üçin gelen Nikodimusa: «Täzeden dogulmadyk adam Hudaýyň Patyşalygyny görüp bilmez» diýdi. Ýudas bu Patyşalygy görmedi we asla görmez. Haçdaky ogry, az adamdan biri, Mesihiň agzyndan Onuň bilen bu Patyşalykda boljakdygyna kepillik aldy.

Bularyň tapawudy näme? Geliň, ikisini deňeşdireliň. Ýudas halk tarapa, ogry bolsa Isa tarapa öwrüldi. Ýudas dönükligi üçin toba etdi, ol tebigaty boýunça günäkär däldi. Mysal üçin, Ýudas resullaryň pul torbasyndan

pul ogurlandygyny ýadyna salmady. Garakçy: «Biz toba edip, täzeden dogulmak bilen öz etmişimize laýyk adalatly jeza aldyk» diýdi. Ýudas özüni asmaga gidýär, talaňçy baky ýaşaýyş hakda pikir edýär. Ýudas Isany Hudaýyň Patyşalygynyň Patyşasy hasaplamady, ýogsam Oňa dönüklik etmezdi, ýöne garakçy Isanyň Gögüň Patyşalygynyň Patyşasydygyna ynandy. Ýogsam ol Isadan ol ýere baranda ony ýatlamagyny soramazdy.

Toba etmek Isanyň halas edilmegine we günäleriň bagyşlanmagyna bolan ynam bilen utgaşmasa, onda täze dogluş bolmaz, onsuz hiç kim Hudaýyň Patyşalygyny görmez. Muny Isanyň Özi aýtdy.

# ÝÜREGIŇ TABYN BOLMASYNDA

*Şol pursadyň özünde meniň üstüme Mukaddes Ruh indi. Men gökde bir tagtyň duranyny, onuň üstünde-de Biriniň oturandygyny gördüm.*

Resul Ýohanna

Ýaňy-yakynda «Habarlar» gazetinde Maks Plank institutynyň alymlarynyň Älem-jahanyň matematiki modelini düzendigi we Älem-jahanyň diňe 5% -iniň görýän meselämizden, galan 95% -iniň bolsa näbelli, gözegçilik edip bolmaýan garaňky (spektrimiz üçin) maddadygy barada netijä geldiler. Meniň pikirimçe, bu söz käbir kandidatlardan belli bir derejede kiçigöwünliligi talap etdi. Meniň çagalygymda eşiden bu jümlelerim şu güne çenli gulagymda ýaňlanyp dur: «Kosmosda Hudaý ýok!» Ýuriý Gagarin hamala Ony görmedi diýýärler.

Döwrebap ylym, akyla garşy çykýan mikro we makrokosmosyň syrlaryna düşünip, mesihiler birden

şeýle netijä gelip, Älem-jahanyň Ýaradyjysynyň beýikligine aýratyn aýdyňlyk bilen düşünýärler. Oňa ýakynlaşmaga, Ondan soramaga, Oňa minnetdarlyk bildirmäge, öwmäge mümkinçilik berýän merhemetiniň beýikdigine düşünýärler. Ýüregiň tabyn bolmagynda, agyz beklemekde we doga-dileg etmekde. Käbir täze dini hereketler Hudaýy «söýgülisi» hökmünde görkezýärler, «doga-dilegleriň» gödekligi we «şöhratlamalaryň» gelşiksizligi, şunuň ýaly soňky döwrebap dini akymlar şeýle pikir etmäge mejbur edýär: bu adamlar haýsy Hudaýa ybadat edýärler? Bu Hudaý hakykatdanam «Şonuň adyndan asmandan we ýerden ylgaýanmy», beýik resul Ýohannanyň (ol Isanyň dostydy we döşüne ýaplanyp oturypdy) ýüzin ýykylan Kişisimi, beýik Musanyň gözüni galdyrmaga het edip bilmedik Kişisimi?

Isa Mesihde biziň üçin Hudaýa we Onuň mukaddesleriň mukaddesindäki Gökdäki ybadathanasyna ýol açylýandygy hakykatdyr, Onda biz Hudaýyň çagalary we maşgalasynyň agzalary bolýarys, Onuň mukaddesliginden we beýikliginden bizi hiç zat aýyrmaýar. «Hudaý biz kim bolsak şonuň ýaly boldy, biz hem Ol kim bolsa şonuň ýaly bolmaly» diýen düşünje Onuň öňünde ýüregimizi gorky we kiçigöwünlilik bilen doldurýar.

# SESLER DÜNÝÄSI

*(Isa) onsoň göge bakyp, uludan demini aldy-da: «Effata!», ýagny «Açyl» diýdi.*

Ker adamlar biziň aýratyn ünsümize we söýgimize mätäç. Adamlardan doly dünýäniň arasynda ker adamyň ýalňyzlygynyň näderejede çuňdugyny göz öňüne getirmek kyn. Şonuň üçin lukmanlar we psihologlar kerleriň körlere garanyňda has gaharjaň we hatda gazaplydygyny aýdýarlar.

Sesler dünýäsi adam üçin gaty möhümdir. Hudaý bizi şeýle ýaratdy. Guşlaryň aýdym aýtmagy, tokaýdaky ýapraklaryň sesi, çeşmäniň şaggyldysy ýa-da şarlawuklaryň güwwüldisi, söýgüliň ümsüm pyşyrdysy ýa-da ýyldyrym gümmürdisi… Sesler — biziň töweregimizdäki dünýäni kabul etmegimiziň möhüm bölegidir. Şonuň üçin aýdym-saz biziň durmuşymyzda uly rol oýnaýar.

Aramyzda bir orkestriň Gendeliň «Mesih» diýen sazyny ýerine ýetirýän hor aýdymynyň beýikligine haýran galmadygy barmyka?! Halk aýdymlarymyzyň ýönekeý sazlary kime täsir etmedi?! Çagalar horunyň dury sesli aýdymyndan hoşal däl barmyka ýa-da Mesihdäki ebedi erkinligi aýdýan gara gullaryň Hoş Habar aýdymlarynyň ritmine kim haýran galmady?!

Saz ýürege rahatlyk bermeýär, diňe Hudaý berýär, ýöne ol muny suratlandyrýar we biz ýüregimiziň nämäni isleýändigini bilýäris. Saz şatlyk bermeýär, diňe Hudaý bilen aragatnaşyk hakyky şatlygy berýär, ýöne bu — ony beýan etmegiň serişdesidir, bu Hudaýyň barlygyna göz ýetirmekden gelýän biziň şatlyk beýan etmämizdir, Isa Mesihe we Onuň Ýygnagyna bolan ýüregimizi doldurýan söýgi duýgusydyr.

Hiç zady doga-dileg aýdymy bilen deňeşdirip bolmaz, şonuň üçin Mukaddes Ruh bize mezmurlaryň hazynalaryny ýetirmegi makul bilendir.

# FRONT HABARLARY

*Bu zatlary size Mende rahatlygyňyz bolsun diýip aýtdym. Bu dünýäde gaýgy-gussaňyz bolar, ýöne mert boluň. Men dünýäni ýeňdim!*

Isa Mesih

Men Ikinji jahan urşy gutarandan bäş ýyl soň Sibirde dünýä indim. Şeýlelik bilen men uruş hakda diňe şaýatlaryň maňa gürrüň beren zatlaryny, kitaplarda, gazetlerde we žurnallarda okan zatlarymy bilýärin. Ýakynlarym üçin köpden bäri garaşylýan esgeriň poçtadan üçburçluk hatyny almagyň nähili möhümdigini bilýärin: bu onuň diridigini aňladýar! Adamlar habar býulletenlerine nähili uly üns bilen eýerdiler: haýsy şäher ýykyldy, haýsy şäher azat edildi, frontuň hatary nirede barýar…

Mukaddes Ýazgy biz iman edenlerimiziň uruş ýagdaýyndadygymyzy aýdýar. Bizi gul etmek üçin bar güýji bilen synanyşýan duşmanlarymyzyň bardygyny,

biziň frontdadygymyzy aýdýar. Şonuň üçin frontuň nirededigini, Hudaýa degişli sebitleriň duşman tarapyndan basylyp alnandygyny we haýsylarynyň azat edilendigini bilmek biziň üçin gaty gyzykly we möhümdir. Biziň her birimiz üçin front nirede hereket edýär: ýürekdemi, jemgyýetdemi, ybadathananyň özündemi?

Her kimiň öz tejribesi we «gökdäki erbet ruhlar bilen» göreşi, ýeňişleri we ýeňlişleri bar. Şol sebäpden, biz bu hasap bilen özümizi aldamaýarys, diňe her bir mesihiniň öz dostlarynyň we ýoldaşlarynyň söweşýän frontundan «köpden bäri garaşylýan habar» ýaly kömek almagyny umyt edýäris we dileg edýäris. Hudaýyň Patyşalygyny giňeltmek üçin umumy söweşimizi alyp barýarys.

Özümiziň öz başymyza galmaýandygymyza, bizde Baştutanymyzyň, patyşalaryň Patyşasynyň we rebleriň Rebbiniň, haýsy tarapda söweşýändigimize Düşünýäniň we bize ýolbaşçylyk Edýäniň bardygyna, bizi eýýäm Öz Patyşalygynda Öz beýik ýeňşine çagyrandygyna düşünmek nähili gowy zat! Ýeke-täk Oňa şöhrat bolsun!

# MENIŇ MUGALLYMLARYM

*Men sizi ýetim goýmaryn,*
*ýene ýanyňyza gaýdyp gelerin.*

ISA MESIH

Resul Pawlus gaharlanyp, öz wagzynda Iýerusalimdäki ýahudylara şeýle diýdi: «Men ýahudydyryn. Kilikiýanyň Tarsus şäherinde doguldym, emma şu şäherde ulaldym. Bu ýerde Gamaliýeliň şägirdi bolup, ata-babalarymyzyň kanunynyň berk adatlaryna görä tälim aldym». Adamlar ümsüm bolup, Gamaliýeliň şägirdi bolany — Mukaddes Kitabyň iň meşhur mugallymlaryndan biri bolany diňlemäge taýyn boldular.

Biziň kimden öwrenýändigimiz, näme öwrenýändigimiz — bu gaty möhümdir. Isa ýöne ýerden: «Siz özüňize mugallym diýdirmäň, sebäbi siziň bir Mugallymyňyz bardyr. Ol hem Mesihdir» diýmedi. Halypalygyň we şägirtligiň ähmiýetini bilip, Isa iň soňky sözüň we şahsyýetimizi kemala getirmekde iň

uly täsiriň kim bolmalydygyny — Özüdigini anyk kesgitleýär. Şonuň üçin özüňize dostlaryňyzy saýlamak, özüňizi kime deňeýän bolsaňyz, şolary saýlamak — bu durmuş ýoluňyzy, dünýägaraýşyňyzy, siziň dünýä we adamlara bolan garaýşyňyzy kesgitlemegi aňladýar. Adamyň aýlanýan gurşawy onuň ruhy ösüşine baglydyr. Rus halk paýhasynyň: «Dostuňyzyň kimdigini aýdyň, men size özüňiziň kimdigiňizi aýdaýyn» diýmegi ýöne ýerden däldir.

Gepleşiklerimiziň mowzuklary aragatnaşyk gurşawyna bagly bolýar, munda biziň gyzyklanmalarymyz kesgitlenýär we islegimiz emele gelýär. Birnäçe sagat hiç zat hakda boş gürlemekde, ýa-da Hudaýyň Sözi we mukaddes adamlaryň durmuş tejribeleri hakda söhbet etmekde; agşamy şübheli gyzyklanma bildirýän adamlar bilen geçirmekde, ýürege düşýän aýdymy diňlemekde ýa-da Mukaddes Sözi öwrenmek üçin ýygnanýan adamlaryň toparynda geçirmekde ýa-da gapysynda bile aýlanmaga hiç kimi tapmadyk garry aýal bilen gezelenç etmekde uly tapawut bardyr.

Biziň ruhy ösüşimiz kim bilen aragatnaşyk saklaýandygymyzda, kimden öwrenýändigimizde, näme diňleýändigimizde we synlaýandygymyzda kesgitlenýär. Sagdyn ösüşimiz üçin Hudaý bize hemme zady berdi we gündelik kararlarymyzyň jemi biziň barýan ýolumyzy kesgitleýär.

# HEMMELERE AÝDÝARYN: HÜŞGÄR BOLUŇ!

*Emma Men size diýýärin,*
*başyňyzy galdyryň-da,*
*ekin meýdanlaryna serediň,*
*olar eýýäm oraga taýýar.*

ISA MESIH

Perişde Petrusyň böwrüne dürtüp, ony oýardy-da: «Tiz bol, tur!» diýdi. Petrus Isa hakda wagyz edendigi üçin türmede otyrdy. Ol Petrusy oýaryp, ony azat etdi. Ýönekeý ýaly görünýän bu hadysada — köp alamatlar bar.

Biz mesihiler, Rebbiň ähli çagyryşlaryna we resullaryň hatlarynda: «Isanyň geljek gününiň golaýlandygyny bilip, biri-birimizi has-da ruhlandyralyň» diýip hüşgär bolmaga çagyrýandygyna garamazdan uklamaga ýykgyn edýäris. Biz gündelik durmuşyň adaty ýagdaýlaryny, ylahy hyzmatlaryň we iş günleriniň ölçegli üýtgemegini

adaty hasaplaýarys we iň soňky, iň uly wakanyň — Isa Mesihiň gelmeginiň soňky döwründe dartgynlylyk duýgusyny ýitirýäris.

Hemmelere aýdýaryn: hüşgär boluň!

Petrus ýaly, Reb käwagt bizi hem oýarmak üçin perişdeleri iberýär. Olar elmydama ýagty ýüzi we ganaty bilen açyk şahsyýet görnüşinde gelmeýärler. Emma Reb her bir irkileni ukudan oýarmak üçin perişdelerini iberýär.

Perişde Hirod patyşany «iteklāninde», ol öldi, «onuň endam-jany gurtlap öldi». Reb özüniňkilerini «böwrüne dürtüp» oýarýar. Biz oýananymyzda, öz «menimiziň» gulçulygyndadygymyzy, bagly zatlarymyzyň ýesirligindedigimizi we günä tabyn bolýandygymyzy görýäris. Emma Reb Petrusyň perişdesi ýaly, bize açyk gapy görkezýär we Petrusa berşi ýaly, bize-de gatnaşyk şatlygyny, ruhlanma we teselli berýär.

Soňky döwür — bu biziň ýaşaýan wagtymyzdyr. Soňky günlerde ýaşamak üçin Rebbiň bize beren döwri biziň üçin uly hormatdyr, şeýle hem uly jogapkärçilikdir. Käwagt Reb biziň «böwrümize dürtýär» we: «Oýan! Daş-töweregiňe seret. Näçe adama sen gerek, seniň şaýatlygyň, ruhlandyryjy we teselli beriji sözleriň, Maňa bolan wepalylygyň gerek!» diýýär.

# ŞAÝATLAR

*Bar, öýüňe gaýt, Hudaýyň saňa nämeler edendigini gürrüň ber.*

ISA MESIH

Isa: «Siz meniň şaýatlarym bolarsyňyz» diýdi. Ýaňy-ýakynda men kazyýetde şaýat hökmünde gatnaşyp çykyş etmeli boldum. Kazyýet adam öldürmek ýa-da möhüm bir zat hakda bolmansoň, menden kasam talap etmediler. Kazy menden seredilýän işdäki şahsy gözegçiliklerden bilýänlerimi aýtmagymy haýyş etdi. Düşündiriş üçin birnäçe sorag berdi we goýberdi. Soňra kazyýetde başga bir şaýat peýda boldy, men onuň kazyýetde garalýan wakanyň bolan ýerinde bolmandygyny bilýärdim. Mundan başga-da, ol meniňkiden düýpgöter tapawutlanýan maglumaty aýtdy. Kazy oňa birnäçe sorag berdi. Kazy öz netijesini berdi. Kazy maňa ynandy, ýöne oňa ynanmady.

Isa biziň — Onuň şaýatlarydygymyzy aýdýar. Biz Isa hakda başgalara gürrüň bermekde kynçylyk çekmeli däl. Isa hakda: Onuň kimdigi, bütin dünýä üçin we hut biziň özümiz üçin näme edendigi hakda gürrüň bermeli. Biz başgalara Oňa nähili garaýandygymyzy we Onuň bize nähili garaýandygyny, Onuň Sözüni okanymyzda, Onuň bize şahsy taýdan näme aýdandygyny gürrüň berýäris. Köp adamlar Hudaýa gelýärler, sebäbi kimdir biri muny nädip edendigini we näme bolandygyny şaýatlyk etdi. Isa Hoş Habaryň ýeriň aňry ujuna ýetjekdigini bilýärdi, sebäbi Onda Kim hakda gürleşýändiklerini bilýän şaýatlary bardy. Biz Ony tanaýarys, sebäbi biz — Onuň şaýatlarydyrys.

Biz adamlara Hudaýyň günälerimizi bagyşlap, bizi kabul edeninde, bize beren rahatlygy we Onuň hemişe özümizde barlygyna göz ýetirenimizde berýän rahatlygy hakda gürrüň berýäris. Isa biziň şaýat boljakdygymyzy aýtdy, sebäbi bizde dünýä aýdyp berjek zadymyzyň bardygyny bilýärdi. Biz Onuň biziň üçin we biziň bilen näme edendigini bilýäris, şonuň üçinem biz Onuň şaýatlarydyrys. Bir dostum maňa: «Atgulak ösümligi çalsaň, ýara has çalt biter» — diýdi. «Seret, hatda ýara yzy-da ýok». Men oňa ynanýaryn.

Rebbiň Hoş Habary ýaýratmagynyň örän ýönekeý usuly bar: «Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly ýörişine bizi elmydama şärik edýär. Hudaý Özi baradaky bilimi biz arkaly ähli ýere müşk-anbar kimin

ýaýýar». Isa Mesih bize şaýat bolmaly diýmedi, eýsem Onuň şaýatlary boljakdygymyzy aýtdy. Onuň bu dünýäde bizden, Onuň Ýygnagyndan başga hiç kimi ýok. Wepaly şaýatlara bolsa hemişe ynanýarlar.

# ÝUWAŞ ŞEMALYŇ ÖWÜSMEGI

*Maňa bolan söýgiň olarda-da bolsun,*
*Men hem olarda bolaýyn diýip, Seniň adyňy olara*
*tanatdym we tanatmagy dowam ederin.*

Isa Mesih

Agşam, ümsümlik. Diňe asuda şemal bagda köne injir agaçlarynyň ýapraklaryny öwüsdirýär. Garaňky asmanda köp sanly ýyldyzlar bar. Zeýtun dagynda entek myhmanhanalar ýok, Iýerusalim mahabat deňzi bilen yşyklandyrylmaýar. Sebäbi ýyldyzlar şeýle ýagty we ýakyn. Söýgüli Mugallymy — Isa Mesihi gurşap alýan bir topar adamy göz öňüne getirmek aňsat. Şägirtleriň ýüzi gamgyndy. Mugallym tizara Atanyň ýanyna gitjekdigini aýdypdy. Isa olaryň gynanjyny görüp: «Emma Men size hakykaty sözleýärin: Meniň gitmegim siziň üçin bähbitdir. Men gitmesem, Hemaýatçy size gelmez, gitsem welin, Ony size ibererin» diýdi. (Ýohanna 16:7).

Şägirtler Isa ynanýarlar. Eýsem bizem Isa bilen bile bolmagy, Onuň sözlerini diňlemegi, gözlerine seretmegi, ýanymyzda uklap ýatyşyny synlamagy islemeýärismi?! Şägirtleriň näme üçin gynanýandyklaryna düşünýäris. Emma biz Isa ynanýarys. Ol biziň hemmämiz üçin Özüniň Atanyň ýanyna gitmeginiň gowudygyny aýtdy. Sebäbi şonda Mukaddes Ruh geler.

Mukaddes Ruh bolmasa rahatlyk, iman, gutulyş, umyt ýok. Bularyň hiç biri-de ýok! Mukaddes Ruh arkaly Hudaýyň söýgüsi biziň ýüregimize indi, Isa biziň ýüregimizde ornaşdy, Olaryň üsti bilen biz täzeden doguldyk we Mesihiň Bedeninde — Hudaýyň Ýygnagynda çokundyryldyk. Hawa, biz munuň özümiz üçin iň gowusydygny bilýäris. Isa Mesih bilen gönüden-göni gatnaşykda bolmak islegi bolsa, haçanda biz «Ony bolşy ýaly» ýüzbe-ýüz görenimizde, özüniň baky tesellisini tapar. Indi bolsa, biz ýüregimizde, ýygnaklarymyzda Mukaddes Ruhuň öwüsýän asuda şemalyna şatlanýarys: Isa biziň bilendir.

Ol muny söz berdi we ýerine ýetirdi.

# ÝEŇIJI WE AJAÝYP

*Garaýagyz-da bolsam, görmegeýdirin,*
*gara men Kedaryň çadyrlary deý.*

NAGMALAR NAGMASYNDAN

Käbir adamlar üçin Mesihiň ýygnagy ejiz we dünýäden çetleşdirilen adamlar bilen bir topar şekilsiz we dişsiz jemgyýet ýaly bolup görünýär. Adamlaryň ýygnak hakda şeýle pikir edýändigi geň däldir. Mukaddes Ýazgy: «Güýçlülerini utandyrmak üçin hem bu dünýäniň ejiz saýýanlaryny saýlady» diýýär. Ony gaty ejiz ýaly edýär. Hamala şonuň ýaly. Günäden we ýamanlykdan, zorlukdan we ahlaksyzlykdan, ejizlikden we umytsyzlykdan, tekepbir we ikiýüzlilikden doly dünýäde, ahyrzamana çalt ädim ädýän dünýäde ýokardaky sanalanlaryň hemmesine diňe Ýygnak garşy çykýar. Ýygnakdan başga hiç kim ýamanlyga — söýgi, günä ýörelgesine — özüni Mukaddes Hudaýa bagyş etmegiň mukaddesligi, zorluga —

sabyrlylyk, lapykeçlige — umyt bilen garşy çykmaga ýagdaýy ýokdur.

Ýygnak daşardan näçe asyrlap yzarlanmaga duçar boldy?! Ilkinji asyrlaryň neronlaryny we biziň asyrymyzy ýada salalyň: Hytaýda, Nigeriýada, Somalide, Indoneziýada… Geçen asyrda öňki asyrlara garanyňda Ýygnagyň jebir çekenleri has köpdi. Ýygnak içerden synaglara sezewar edildi: Konstantinden başlap, biziň günlerimiziň altyn tagtlaryna çenli, ýalana maýyl bolup, ilkinji asyrlaryň gnostiklerinden, arian ýereslerinden başlap, wissarionlaryň, munlaryň we beýleki «mesihileriň» köpçülikleýin täsirlerine çenli, we mesihi uniwersitetleri we konfessiýalary diýlip atlandyrylýan Hoş Habar taglymatlarynyň köpüsinde yza çekilmek bilen gutarýar.

Bu hüjümleriň hemmesine, daşardan we içerden edilýän hüjümlere Ýygnak garşy çykýar: mukaddes, tämiz, Mesihiň Ruhunda bitewilik. Bu gurama däl, konfessiýa däl, soýuz däl, birleşme däl ýa-da doganlyk däl, eýsem Isa Mesihiň Ýygnagy — Hudaýyň täzeden doglan çagalarynyň jemgyýeti bolup durýar, bu Hudaý tarapyndan dürli jemagatlarda we ýygnaklarda Oňa hyzmat etmek üçin bellendi.

Bu jemagat Hudaýyň bu dünýäde we geljekde — iň möhüm, iň ähmiýetli, iň gymmatly zadydyr. Oňa degişli bolmak uly hormat, uly artykmaçlyk we beýik merhemetdir.

# KADADAN ÇYKMASYZ KANUN

*Eger ruhdan düşmesek,*
*öz wagtynda orarys.*

RESUL PAWLUS

«Belki sowlup geçip gider!» — diýip, biz ene-atamyzyň öýünde ýa-da mekdepde erbet bir zatlar edenimizde pikir etdik. Düzgün bolşy ýaly, beýle bolmady. Durmuş bize möhüm kanuny öwretdi: «Adam näme ekse, şony orar». Şol döwürde munuň halk paýhasy däldigini, Hudaý tarapyndan kesgitlenen kanun: ekiş we ormak kanunydygyny entek bilmeýärdik. Munuň diňe bir bölegini bilýärdik, bu bolsa «Näme ekseňiz, şony orarsyňyz» diýen nakyla öwrülipdi. Resul Pawlus tarapyndan düzülen bu sözleriň hemmesi şeýle: «Öz-özüňizi aldamaň: Hudaý Özüni ýaňsyladýan däldir. Adam näme ekse, şony hem orýandyr. Öz höweslerini kanagatlandyrmak isleýän özüni weýran eder. Emma

Mukaddes Ruhy kanagatlandyrmak isleýän baky ýaşaýşy alar. Ýagşylyk etmekde ýadamalyň. Eger ruhdan düşmesek, öz wagtynda orarys». (Galatýalylar 6:7–9). Bu kanun biziň ygtyýarymyzda däl. Kanun çykaryjy buýruk berdi.

Ekişiň iki görnüşi bar: şu wagtky, wagtlaýyn, dünýewi we baky, ruhy, ylahy. Ýöne hemmeler ekýär. Bilip ýa-da bilmän. Şonuň üçin aşakdaky soragyň jogabyny biz bilmelidiris: meniň maksadym nirede, ýagny meniň isleýän zadym — ölümiň bu tarapyndamy ýa-da beýleki tarapynda, wagtlaýynmy ýa-da baky? Men nämä ymtylýaryn, gyzyklanmalarymy nämä tabyn edýärin we pulumy, saglygymy, wagtymy nämä sarp edýärin. Biz wagtymyzy aňly-huşly bölmeli: ony baky zada sarp edýärismi ýa-da wagtlaýyn zada? Seneka: «Ýakyndan göz aýlasaň, köp adamyň ömrüniň esasy böleginiň erbet işler, köp bölegi işsizlige sarp edilendigi we tutuş ömrüniň gerekli zerur däl zada sarp edilendigi ýüze çykýar» diýdi.

Elbetde, sorag ýüze çykýar: biziň durmuşymyzyň manysy näme? Bu soraga jogaby nireden gözlemeli? Dünýewi jemgyýetde önüp-ösen adam munuň jogabyny nireden tapmalydygyny nädip biler? Käwagt mesihileriň ep-esli böleginiň nähili ýaşaýandygyna seredip, şeýle pikir gelýär: mesihiler munuň jogabyny bilýärlermi? Olar öňünden kesgitlenendiklerini bilýärlermi? Resul Pawlusyň şu sözlerine gulak asdylarmy: «Şoňa görä-de, eý, doganlar, biz indi ynsan höwesleriniň talaplaryna görä

ýaşamaga borçly däldiris. Eger siz ynsan höwesleriniň talaplaryna görä ýaşasaňyz, ölersiňiz. Emma ynsan höwesleriniň ýaman işlerini Mukaddes Ruhuň güýji arkaly ýok etseňiz, ýaşarsyňyz. Sebäbi Mukaddes Ruha eýerýänler Hudaýyň perzentleridir». (Rimliler 8:12–14).

Mundan başga-da, ol şeýle ýazýar: «Çünki Hudaý olary ezelden saýlap-seçdi we Ogluna meňzetmegi owaldan karar etdi. Ol muny Isa Mesihiň köp sanly doganlarynyň arasynda nowbahar bolmagy üçin amal etdi. Hudaý ezelden saýlap-seçenlerini çagyrdy, çagyranlaryny aklady, aklanlaryny şan-şöhrata besledi».

Siz: «Olary Ogluna meňzetmegi owaldan karar etdi» diýen sözlerine üns berdiňizmi? Ine, mesihiniň durmuşynyň manysy we maksady näme eken! Ekiş we ormak kanuny ýönekeýdir: «Öz höweslerini kanagatlandyrmak isleýän özüni weýran eder. Emma Mukaddes Ruhy kanagatlandyrmak isleýän baky ýaşaýşy alar». Muny Hudaýyň Sözi aýdýar.

# ŞOL NÄSAGLAR ÜÇIN

*Ata-eneňe hormat goý.*

Musa

Tutuş adamzat bir beýik jemgyýeti emele getirýär. Dünýäniň syýasy kartasynda biz 193 sany garaşsyz döwlet tapyp bileris. Saýlawdan soň garaşsyzlyk gazanan Günorta Sudan dünýäde 194-nji döwlet bolup biler. Bu setirleri ýazanymda, ertir, 2011-nji ýylyň 9-njy iýuly, Sudanyň mesihi bölegi köp ýyllyk raýat urşundan soň garaşsyzlyk gazanýar diýmekdir. Köp ýurtlar soýuzdaş bolup birleşýär, beýlekiler duşmançylykly gatnaşykda bolýar, käbirleri aç-açan söweş ýagdaýynda bolýar.

Ýakup şeýle ýazýar: «Araňyzdaky çaknyşykly gowgalar we dawa-jenjeller nireden döreýär? Kalbyňyzda söweş edýän pis höwesleriňizden dälmi?» Halklar bilen döwletleriň arasyndaky käbir gapma-garşylyklar asyrlar

boýy dowam edýär. Adaty gatnaşyklary ýola goýmak mümkin däl ýaly bolup görünýär.

Duşmançylyk — bu adamyň duşmany bolan şeýtanyň erbetlik etmek üçin iň gowy görýän guralydyr. Goňşy döwlet bilen duşmançylykda bolmak bilen, adamlar hiç wagt asuda we abadan bolmaz. Bu diňe bir halklara däl, eýsem her bir adama-da degişlidir. Eger başgalar bilen parahatçylyk ýok bolsa, ýürekde-de rahatlyk ýokdur. Adam üçin iň möhüm jemgyýet onuň maşgalasydyr. Maşgalada asudalyk, söýgi we düşünişmek bolmasa, adam düýbünden goragsyz bolýar. Çagalary asylly terbiýelemek mümkin däl bolýar, güýçli, batyrgaý we akylly adamlaryň deregine jemgyýet arakhorlary, jenaýatçylary we tekepbir adamlary döredýär.

Maşgaladaky özara gatnaşyklaryň ähmiýetini göz öňünde tutup, Hudaý adama buýruk berdi, onuň hal-ýagdaýy, saglygy, uzak ýaşamagy we üstünlik gazanmagy onuň doly ýerine ýetirilmegine baglydyr. Atany we enäni hormatlamak buýrugy. Resul Pawlus bu buýruk hakda şeýle ýazypdyr: «Eý, çagalar, Rebbiň hatyrasy üçin ene-ataňyzyň sözüne gulak asyň, sebäbi bu dogrudyr. Ene-ataňa hormat goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ömrüň uzak bolar — bu Hudaýyň wada bilen beren ilkinji buýrugydyr. Eý, atalar, siz hem çagalaryňyzyň gaharyny getirmäň. Gaýtam, olary Rebbiň terbiýesi hem öwüdi bilen ulaldyň». Adamyň soňky berkitmesini ýok etmek üçin, soňky ýyllarda şeýtan bar güýjüni maşgaladaky

bu gatnaşyklaryň ýok edilmegine sarp etdi. Ol esasy şol näsagy urýar. Adamyň abadançylygynyň iň esasy zadyny urýar.

# ATANYŇ ELINE ELIŇI DEGIRMEK

*Mesihiň ýolunda siziň müňlerçe terbiýeçiňiz bolsa-da, atalaryňyz azdyr.*

Resul Pawlus

Meniň otuz ýyldan gowrak mundan ozal Rebbe giden kakam gowy ýadymda. Ol meniň diňe sözüň göni manysynda däl, eýsem ruhy manyda-da kakam boldy. Men bu gün henizem köplenç pikirlerimde oňa dolanyp barýaryn, onuň pikirlenişine, adamlara bolan garaýşyna, Mukaddes Söze bolan wepalylygyna we adamlara bolan söýgüsine gaýdyp gelýärin.

Hakykatdanam, soňky döwürde biziň köp halypamyz bar. Döwrebap aragatnaşyk serişdeleriniň ösmegi netijesinde kimi eşidip, görüp bilmeýärsiňiz?! Pawlus atalaryň arasyndaky tapawut hakda şeýle ýazýar: «Men Hoş Habar arkaly siziň Isa Mesihdäki ataňyz boldum». Mugallymçylyga isleg bildirýänler köp,

ýöne Hudaý tarapyndan günäkärleri halas etmek üçin ulanylýanlar az.

Kaka bolmak — bu aýratyn çagyryşdyr.

Meniň özümi atalarym Ýarl Peýsti we Nikolaý Wodnewskiý bilen baglanyşdyrýaryn, olar meni her gün täze doglan çagany arassa söz süýdi bilen iýmitlendirdiler. Men olaryň radio ýaýlymlaryny köp ýyl bäri diňläp gelýärin. Şonuň üçin olaryň öňünde baş egip, atalarymyň ellerine elimi degirmek meniň üçin aýratyn şatlyk we hormatdy. Ýöne haçanda maňa iň uly täsir galdyran adamlar hakynda pikir edenimde men biziň üçin möhüm bolan adamlar bilen duşuşmak barada däl-de, eýsem Gökdäki Atamyz bilen duşuşmagy ýadyma salýan ekenim.

«Gökdäki Atamyz!..» — biz şeýle adaty we endik eden sözlerimiz bilen doga edýäris. Biz kime ýüzlenýäris? Biz Gökdäki Atamyzyň — Hudaýdygyna, Älem-jahanyň Ýaradyjysydygyna, asmanyň we ýeriň Patyşasydygyna doly düşünýärismi? Doga-dileg edip, biz Onuň tagtynyň aýak astyna barýarys, eline elimizi degirýäris we gözlerine seredýäris we sözlerimiz bilen Onuň ýüregine girýäris…

# ADY BILEN YGTYÝARLYK

*Ol Özüni kabul edip, adyna iman edenleriň hemmesine Hudaýyň perzentleri bolmak hukugyny berdi.*

Resul Ýohanna

Dogluşy boýunça ýa-da miras almak boýunça munuň ýaly ygtyýarlyga eýe bolýan adamlar az. Bular seýrekdir: patyşalar, mirasdüşer şazadalar… Düzgün bolşy ýaly, käbir adamlar ýa-da taýpalar ony saýlap, ony lider, hökümdar, prezident bellänsoň, adama ygtyýarlyk berilýär. Köplenç diňe wagtlaýyn. Emma şol döwür üçin oňa halkyň adyndan höküm sürmek hukugy berildi. Halkyň adyndan kanunlar kabul edildi, hökümler kabul edildi.

Mesihileriň, ýagny Isa Mesihe iman edenleriň Isa Mesihiň adyny ulanmaga hukugy bar: soramak; buýruk bermek, jynlary adamdan kowmak; ynandyrmak… Biziň adymyz hiç zady aňlatmaýar, emma Onuň ady

duşmanyň düşelgesinde titremegine sebäp bolýar, töhmet atýanlaryň agzyny ýumdurýar, ýolda ýadawlary ruhlandyrýar we tapdan düşen ýürege güýç berýär.

Isa Mesihiň döwründäki ýahudylar iblisiň üstünden ygtyýarlyk etmek üçin, ony kowmak üçin onuň adyny bilmelidigine ynanýardylar. Olar adyň güýjüne ynanýardylar. Hudaý özüne iman edenlere täze at berjekdigini aýtdy, ony beren Hudaýdan başga hiç kim bilmez. Başga sözler bilen aýdylanda, bu dünýäde hiç kimiň imanlylaryň üstünden ygtyýarlyk etmäge güýji ýetmez diýmekdir. Hudaýdan başga hiç kim!

Hudaýyň ady imanlylaryň gaçybatalgasydyr. Hudaýyň ady ýitenleriň ýolundaky yşykdyr. Hudaýyň ady mukaddesdir! Şonuň üçin imanlylar şeýle doga-dileg edýärler: «Adyň mukaddes bolsun!» Şeýle hem olar ady mukaddes Bolana, ygtyýary çäksiz Bolana, ýeňip bolmaýan güýç-gudraty Bolana, söýgüsi ägirt güýçli Bolana, rehimi ölçegsiz Bolana sežde edýärler.

Rebbimiz Isa Mesihiň adyna öwgüler bolsun! Biz ýeke-täk Ony şöhratlandyrýarys. Diňe Oňa, ýeke-täk Hudaýa ybadat edýäris.

# GÖGÜŇ PATYŞALYGY

*Hazynaňyz nirede bolsa,*
*ýüregiňiz hem şol ýerde bolar.*

ISA MESIH

«Näme, ýene-de Gögüň Patyşalygy hakda pikir etdiňmi?» diýip, orunbasar maňa içýakgyç ýaňsylamak bilen aýdýar. «Bütin dünýä tutuş adamzadyň ajaýyp gelejegi bolan kommunizmi gurýar. Biz bolsa, görşüňiz ýaly, ol dünýädäki ýaşaýyş hakda arzuw edip, Gögüň Patyşalygyna garaşýarys». Häzirki ýaş nesil, belki, munuň ýaly gülkünç zatlary eşitmez. Munuň sebäbi häzir başga döwrüň gelendigi üçinmi, ýa-da din azatlygynyň gelendigi ýa-da ähli pikirlerini hem arzuwlaryny şu wagta we şu güne gönükdirip, Gögüň Patyşalygy hakda az pikirlenip başlandyklary üçinmikä?

Şeýtan bizi Gökdäki Iýerusalimiň ýolundan azaşdyrmak, bu hakda pikirlerden daşlaşdyrmak üçin ähli tagallalary edýär. Bizi gorkaklyk we geplemsek

ýoluna salýar, şübheler bilen bulaşdyrýar we gorky bilen howatyrlandyrýar, baýlyk we synaglar bilen azdyrýar, dünýewi höwesler bilen synaga salýar. Oňa diňe bir zat gerek — pikirlerimizi Gögüň Patyşalygyndan sowmak, bizi ýerdäki zatlar bilen baglanyşdyrmak.

Mukaddes Ýazgy bize anyk zady öwredýär: hakyky bagt edinmek isleseňiz, gökdäki zatlary gözläň, ýerdäki zatlar hakda däl-de, bu hakda pikir ediň. «Siz bolsa öňürti Hudaýyň Şalygyny agtaryň, şonda bu zatlar hem size onuň üstüne goşulyp berler» — diýip, Isa Mesih aýtdy, Ol biziň esasy baky zady däl-de, wagtlaýyn, ýöne häzir elýeterli diýip hasaplamaga meýillidigimizi bildi.

Maňa azal bilen göni keş çekmek üçin, meýdanyň daşynda, uzakda, has uzakda, ugur saýlamalydygyny aýtdylar. Şonda her keş göni bolar. Mesihi durmuşymyz bilen baglanyşykly meseleler şeýle: özümize gönükdirilen ýakyn bir maksady saýlasak, ýolumyz näbellidir. Eger biz hemişe gökdäki maksadymyzdan ugur alyp, «asyl watanymyza» üns bersek, ýol göni bolar. Bu aňsat bolar diýilmeýär, ýöne göni bolar. Munuň ýaly ýaşan adamlary imanyň gahrymanlary hökmünde şöhratlandyrýarys. Olar hakda şeýle ýazylan: «Hudaý Özüni olaryň Hudaýy diýip atlandyrmakdan utanmaýar, çünki Ol olar üçin bir şäher taýynlady» (Ýewreýler 11).

Ol olara şol ýerde garaşýar. Hudaý bize-de garaşýarmy? Biz Ony Hudaýymyz diýip adyny tutanymyzda, Ol adynyň tutulmagyndan utanýarmy ýa-da biziň Onuň

çagalarydygymyza begenýärmi? Onuň bize ajaýyp bir zady taýynlandygyny, munuň hatyrasyna hemme zady bermäge mynasypdygy baradaky Onuň Sözüne ynanyp bilýärismi? Eger hawa bolsa, onda Ol biziň üçin utanmaýar we biziň atlarymyzy Özüniň ýaşaýyş kitabyna ýazdy, başgaça aýdanymyzda, gökde ýaşaýyş belligini berdi. Haçanda biz Rebbimiz Isa Mesihiň bize öwredişi ýaly, «Adyň mukaddes bolsun, Patyşalygyň gelsin» diýýän doga-dilegimizi edenimizde, biziň sözlerimiz ýüregimiziň hakyky isleglerine laýyk gelýärmi?

# ONUŇ ISLEGI

*Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp, özgeriň. Şeýtseňiz, Hudaýyň islegine düşünmegi, ýagny Ony nämäniň hoşal edýändigini, nämäniň oňat we kämildigini bilmegi başararsyňyz.*

Resul Pawlus

Adamyň günä gazanmagynyň manysy näme? Erem bagynda bolup geçen aýylganç wakany ýada salalyň. Ynsan Hudaýyň islegini ret etdi we şeýtanyň islegine görä hereket etdi. Adam özüni Hudaý ýaly edip biljek bilimi edinip biljek ýalydy. Şeýtan ony aldady. Ol adama ýagşy bilen ýamany tapawutlandyryp bilýän Hudaý ýaly boljakdygyna söz berdi. Ýöne dünýäde bolup geçýän zatlaryň hemmesi bu kategoriýalara bölünenok-da, eýsem Hudaýyň islegine laýyk gelýändigine ýa-da ýokdugyna görä hereket edýär. Adam bir zada bagly bolmakdan azat bolmak isledi, ýöne duşmanynyň

guluna öwrüldi. Şondan bäri hiç zat üýtgemedi. Adam günä gazanandan soň, tebigaty boýunça şeýtanyň hökümdarlygynda bolýar.

Şeýle-de bolsa, ol Isa Mesihi öz Rebbi hökmünde kabul edip, öz islegini ýene-de Hudaýa tabşyryp biler. Ol diňe erkinlik berýär: «Siz hakykaty bilersiňiz, hakykat-da sizi azat eder». Mukaddes Ruh resul Pawlusyň sözleri bilen bizi aňymyzyň täzelenmegi bilen üýtgemäge çagyrýar, şonuň üçin biz Hudaýyň isleginiň nämedigini, gadyrly, ýakymly we kämildigini bilip bileris. Ýoldan çykan adamlar hökmünde biz ýagşylygy we ýamanlygy bilýäris; Isa Mesihi tanamak bilen biz täzeden doglan hökmünde Hudaýyň oňat we kämil islegini tanamagy başarýarys. Bu biziň azatlygymyz! Bizi ýoldan sowmak we pikirlerimizi Hudaýyň kämil islegini däl-de, eýsem dünýäniň ýagşylyk we ýamanlyk kategoriýalarynda karar kabul etmek isleýän arwah-jynlar hökümdarynyň erkinden biz azatdyrys.

Haçanda biz «Gökdäki Atamyz» diýip, doga-dileg edenimizde, tüýs ýürekden: «Goý, gökde bolşy ýaly, ýer-de Seniň islegiň amala aşsyn» diýýäris. Şonuň üçin biz jennetdäki ýagdaýa dolanyp barmagy, öz barlygymyzy kesgitleýän ýeke-täk islege, biziň söýýän Atamyzda bolan islegine öwrülmegini isleýäris.

# DOGLAN GÜN SOWGADY

*Siziň haýsy biriňiz ogluňyz*
*çörek dilände, oňa daş berer?*

ISA MESIH

Redaksiýa işgärleriniň ýygnagy bolup dur. Žurnalyň indiki sanynyň materiallaryny ara alyp maslahatlaşýarys.

Žurnalyň mowzugy: Gündelik çörek hakda gürleşýän ýerimiz bolan «Atamyz» dogasy. Biz makalalar, hatlar, mysallar, illýustrasiýalar hakda gürleşýäris. Ýelena Safonowa: «Bu 1947-nji ýylda bolupdy. Ejem maňa doglan günüm üçin sowgat berdi… bu kartoşkady. Şunuň ýaly uly! Bütin günümi onuň bilen öýüň içinde aýlandym, ony sypaladym, ol maňa ýarady. Agşam men ejeme: «Eje, gel, muny dördümize böleli» diýdim. Ejem maňa: «Gowy pikir, ilki bilen ony gaýnadaly. Bolýarmy?» — diýdi.

Neşir etmeli san üçin material ýygnamak kyn däldi — mowzuk eýýäm «ýerdäki» bardy. Men ýazdym we pikir

etdim: hakykatdanam, bu her günki adaty zatmy? Isa näme üçin şägirtlerine doga nusgasyny bereninden soň, şeýle ýönekeý soraglarda Hudaýa ýüzlenmegi öwretdi? Ysraýyl halky Müsürden çykandan soň kyrk ýyllap çölde sergezdanlyk edenlerinde, Hudaý olara gökden çörek berdi: her gün irden adamlar manna ýygnap bilýärdiler. «Halk çykyp, ony ýygnardy we degirmende üwärdi ýa-da sokuda döwerdi. Soňra gazanda gaýnadyp, ondan petir kökeler bişirerdiler. Onuň tagamy zeýtun ýagyna ýugrulyp bişirilen çelpegiň tagamy ýalydy» (Çölde 11:8). Kimdir biri bir günüň dowamynda zerur möçberinden köp ýygnasa, manna zaýalanyp, ýigrenji ys çykarýardy. Näme üçin? Näme üçin Hudaý adamlaryň Oňa garaşly bolmagyny isledi?

Mukaddes Ýazgynyň başga bir ýerinde Hudaý Ýermeýa pygamber arkaly şeýle diýýär: «Çünki Meniň halkym iki sany pis iş etdi: Akar suwlaryň gözbaşy bolan Meni terk etdiler, özlerine howdanlar, gyrasy çat açan, suw saklamaýan howdanlar gazdylar» (Ýermeýa 2:13). Sebäbi mübärek, bagtly, manyly we şatlykly durmuş üçin adam Hudaýa mätäç. Adam muňa düşünip, aň ýetirse gowy bolar, şonda ol gündelik çöreginden başlap, bu barada Hudaýdan soramagy endik ediner.

Dünýä we onuň arkasynda duran ynsan ruhlarynyň duşmany adamy Hudaýdan daşlaşdyrmaga synanyşýar: «Ynsan — bu buýsançly eşidilýär!»; «Ýok, ölmersiň, ýöne

hudaýlar ýaly bolarsyň»; «Ynsan öz bagtynyň eýesidir» ýa-da «Hudaýa bil bagla, ýöne özüň ýalňyşma».

Goý, Reb bize dyngysyz hereket edýän gündelik işlerimizde we aladalarymyzda berýän merhemetine has çuňňur düşünmegimizi üpjün etsin: bizi tolgundyrýan we aladalandyrýan zatlar üçin we gündelik çöregimiz üçin Oňa ýüzlenmäge hukuk bersin.

# ESASY ÝÖRELGE

*Başgalaryň özüňize eden ýazyklaryny bagyşlasaňyz, gökdäki Ataňyz hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar.*

Isa Mesih

Biziň hemmämiz bagyşlaýarys. Bagyşlamak bozulan gatnaşyklary dikeldýär. Bagyşlamak ýürege rahatlyk getirýär, kemsitmeler unudylýar. Maşgalada we işde abadançylyk we rahatlyk birek-biregiň bagyşlanmagyna baglydyr. Dostlugyň çuňlugy we berkligi oňa baglydyr. Günäli tebigatymyzy bilip, Reb bagyşlamalary adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň başynda goýdy. Mundan başga-da, Ol adamlar bilen Özüniň arasyndaky bozulan gatnaşyklary dikeltmegiň ýeke-täk serişdesi hökmünde bagyşlamagy saýlady. Bagyşlamak arkaly Hudaý bize Özi bilen aragatnaşyk saklamaga mümkinçilik berýär.

Ýöne Ol Öz bagyşlamagyny biziň göwnümize degenleri, bizi gynandyranlary, bize dönüklik edenleri

ýa-da töhmet atanlary nädip bagyşlaýandygymyza bagly etdi. Duýgularymyzyň tupanynda-da, biz «Atamyz» dogasynda dyza çöküp, ýüregimizi egsek, Ol gudratly Sözüni iberýär, günlerde bir gün deňzi köşeşdirende buýran sözlerini iberip, bu doga-dilegiň üstüne şu sözleri hem goşýar: «Bize ýamanlyk edýänleri bagyşlaýşymyz ýaly, Sen hem biziň ýazyklarymyzy bagyşla».

Käwagt bu düzgüniň biziň durmuşymyzda nähili işleýändigi hakda pikirlenmegimize degýär diýip pikir edýärin, özara gatnaşyklary gurmagyň bu esasy ýörelgesiniň ähmiýetini biz ýatda saklamalydyrys.

# MESIHINIŇ ADATY DURMUŞY

*Emma ynsan höwesleriniň ýaman işlerini Mukaddes Ruhuň güýji arkaly ýok etseňiz, ýaşarsyňyz.*

Resul Pawlus

Mesihiniň adaty durmuşynyň birnäçe esasy ýörelgesi bar, muny her kim bilmelidir. Olardan biri — synaglar bolup durýar, bu durmuşymyzyň bir bölegidir. Olardan ýekeje adam hem ätiýaçlandyrylan däldir. Eger Rebbimiz Isa Mesih ýerdäki durmuşynda synagdan geçen bolsa, onda biziň ýaly ýönekeý adamlar barada näme aýdyp bolar?

Mukaddes Ýazgy bizi başymyzdan geçirýän meýillerimize we synaglara geň galmaly ýa-da gaharlanmaly däl-de, eýsem olary şatlyk we rahatlyk bilen kabul etmäge çagyrýar. Biz öz başymyzdan inen «synaglaryň başgalaryňda başyndan inýändigine» düşünmelidiris.

Synaglary özümiziň başymyza gelen betbagtlyk hökmünde däl-de, eýsem olaryň nämedigini duýup bilýän ýönekeý düzgünler bar, biziň üçin hakykatdanam olar: imanyň synagy we güýçlenmegi bolup durýar. Bu düzgünler şu aşakdakylardan ybarat: «Mukaddes Ruhuň ýörelgesinden ýöräň. Şonda siz ynsan höweslerine eýermersiňiz»; «Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp, özgeriň»; «Emma Hudaýyň nurda bolşy ýaly, biz hem nurda gezýän bolsak, onda biri-birimiz bilen ýakyn gatnaşygymyz bardyr. Onuň Ogly Isanyň gany bizi ähli günäden tämizleýändir».

# YBADAT ETMEK

*Mahluklar her gezek… şuny aýtdylar:*
*«Tagtda Oturana, baky ýaşaýan*
*Hudaýa şöhrat bolsun,*
*Oňa hormat we şükürler bolsun».*

RESUL ÝOHANNA

«Ybadat» sözi näme manyny berýär? Men muny sözlükde gözlemegi makul bildim. Dürli görnüşli sözlüklere seretdim. Umuman, hemmesiniň manysy bir: hormatyňyzy görkezmek. Ýöne muny dürli görnüşde beýan edip bolar: dyza çökmek bilen, biliňi egmek bilen, ýüzin düşmek bilen, sowgat hödürlemek bilen, doga-dileg sözleri bilen.

Her dürli keseki yrymlardan, syrly zatlardan daşda bolup, hemme zatdan öňürti Şol Birine tüýs ýürekden ybadat etmek — Golgotanyň gurbanlygy üçin minnetdar ýüregiňi açmakdyr, Gudratygüýçliniň öňünde hormat goýup, Mesihiň Ýygnagynda imanyňy sesli boýun

almagyň sazlaşykly dogasyny aýtmakdyr: «...Çünki Patyşalyk, gudrat we şöhrat ebedilik Seniňkidir. Omyn!»

Biz şäheriň häkimi bilen geçirilen kabul edişlikde ýa-da meşhur şahyryň hatyrasyna bagyşlanan dabaraly agşamynda nähili durýarys? Gollandiýanyň şa zenany Beatriks ýa-da Şwesiýanyň şasy Karl XVI Gustaf bilen kabul edişligimizi göz öňüne getiriň. Ýa-da Nobel baýragynyň sowgat gowşurylyş dabarasynda çykyş edýäris. Elleriňiz jübiňizde we daralmadyk saçyňyz bilen beýsbol kepkasynda durarsyňyzmy?

Ýok, ýok! Men forma hakda däl-de, gatnaşygymyz hakda aýdýaryn. Bu biziň Hudaýa, Älem-jahanyň Ýaradyjysyna we Patyşamyza, Özüniň rehim-şepagaty bilen bizi Öz Patyşalygynyň mirasdüşeri Edene gatnaşygymyzdyr. Haçanda biz ybadat hakda aýdanymyzda, şu we diňe şu möhümdir.

# BIZIŇ ÝERIMIZ NIREDE?

*Başgalary ýazgarmaň,*
*ýogsam siz hem ýazgarylarsyňyz,*
*sebäbi siz nähili ýazgarsaňyz,*
*özüňiz-de şeýle ýazgarylarsyňyz.*

Isa Mesih

Öýsüz iki adam awtobus duralgasynda otyrlar. Hersiniň elinde boş piwo çüýşesi bar. Olar oturyp, öz aralarynda: «Hawa, bular, häkimiýet başynda bolanlaryň… Hawa… hä, ol ýerde, prezidentleriň işi» diýip, syýasy hereketleri ara alyp maslahatlaşýarlar. Bu gülkünç däl. Gynandyryjy. Näme üçin biz beýle? Umuman adamlar we esasanam mesihiler.

Näme üçin biz kazy roluny beýle gowy görýäris? Onuň günäkärlenýäniň rolundan has gowy bolandygy üçinmi? Ýa-da heniz jennetde wagty, ýylanyň ata-babalarymyza ýüzlenip: «Siz ýagşyny we ýamany bilip, hudaýlar ýaly bolarsyňyz» diýeninde, höküm çykarmak

hukugymyzy isledikmi? Hawa, biz ýagşyny we ýamany bildik, ýöne bu ýylanyň wada berşi ýaly däl. Biz «isleýän gowy zadymyzy etmeýärin, ýöne erbetlik, islemeýän zadymyzy edýärin» — diýip, ýüregimizde ýamanlygyň ýaşaýandygyny öwrendik: ol ýerden «erbet pikirler çykýar». Ýok, biz kazy rolunda däl-de, ýamanlygy we ýagşylygy bilýän günäkäriň rolunda bolduk.

Ýöne biziň ýüregimizde hudaýlar ýaly bolarys diýip aldaýan, gaty çuňňur, gutulgysyz bir aldaw bar. Şeýdip, biz hüküm edýäris, hüküm edýäris, hüküm edýäris… Şeýlelikde, hökümdarlar — olar üçin Hudaýa doga etmegiň deregine; we çagalara — olara görelde bolmagyň deregine; we ene-atalara — olara hormat goýmagyň deregine; we wagyzçylara — olara gulak asmagyň deregine; we häkimiýetlere — olara tabyn bolmagyň deregine; bütin dünýä — oňa ak pata bermegiň deregine hüküm edýäris. Resul Pawlus bilen bilelikde aglaýarys: «Wah, men bagtygarany diýsene! Ölüme eltýän bu bedenimden meni kim halas eder?» Pawlus munuň jogabyny tapdy: «Hudaýa şükür! Ol bizi Rebbimiz Isa Mesih arkaly halas etdi!… Şeýlelikde, Isa Mesihe degişli bolanlar ynsan tebigatyna görä däl-de, Mukaddes Ruha görä ýaşaýanlar indi asla hüküm edilmez» (Rimliler 7:25; 8:1).

Isa Mesihiň biziň başgalary ýazgarmak hyjuwymyzy tankytlaýan sözleri çürt-kesikdir: «Sebäbi siz nähili ýazgarsaňyz, özüňiz-de şeýle ýazgarylarsyňyz».

Tarapdarymyz Mesih arkaly kazyýetde biziň aklanma ornumyz kazyýet mejlisinde däl-de, höküm edilenleriň ýanynda, olary goramak, goldamak, olara kömek etmek üçin olaryň ýanyndadygy barada Ol bize köp gezek duýduryş berýär. Penakärlik dogasy — hakykatdanam mesihi gullugydyr. Hemmäni we hemme zady ýazgarmak has ýönekeý, aňsat, has endik edilen bolýar.

Hakyky takwalyk, hakyky päklik bu meselede edermenlikdir. Mukaddes Ruh muny bizde ýerine ýetirýär, biz muňa özümiz ukyply däldiris. Isa Mesihe tabyn bolmak, Oňa gulak asmak, Oňa boýun bolmak biziň bütin dünýäni haçda aklamagyna dogry garaýşymyzdyr. Eger Hudaý «ynsanlaryň günälerini hasaba alman, Isa Mesih arkaly dünýäni Özi bilen ýaraşdyran bolsa», bize höküm etmäge kim hukuk berdi?

Höküm etmek — bu ýakymsyz, gynandyryjy we agyryly mowzukdyr. Emma ýazgarmagyň maşgalalara, ýygnaklara, jemgyýete nähili kynçylyk getirýändigini bilenimizden soň, biz bu barada dymyp bilmeris.

# ÝÖNEKEÝ FORMULA

*Gözüň sagdyn bolsa,*
*tutuş bedeniň hem ýagty bolar.*

Isa Mesih

Biz daş-töweregimizdäki dünýäni duýgy organlarymyz bilen duýýarys.

Görüş olaryň arasynda aýratyn orun tutýar. Görmek bilen biz diňe bir daş-töweregimizdäki dünýäni tanamak bilen çäklenmän, eýsem, onda we onuň täsirinde-de özümizi aýan edýäris. Şonuň üçin Isa: «Hazynaňyz nirede bolsa, ýüregiňiz hem şol ýerde bolar. Bedeniň çyrasy gözdür. Gözüň sagdyn bolsa, tutuş bedeniň hem ýagty bolar. Gözüň şikesli bolsa, tutuş bedeniň hem garaňky bolar» diýdi. Näme üçin Isa baýlyga bolan garaýşymyz hakda gürläninden soň derrew göz hakda gürleýär? Munuň manysy näme: arassa we erbet göz? Rus diline «arassa» hökmünde terjime edilen söz Täze Ähtiň başga bir ýerinde ýönekeý, myhmansöýer hökmünde terjime

edildi. Bu onuň göni manysy, ýöne ýekeje, bölünmeýän, tutuş manyny hem aňladyp biler.

Pawlus Korintoslylara Makedoniýa ýygnaklarynyň myhmansöýerligi, sahylygy hakda ýazdy (2 Korintoslylar 9:11). Erbet göz näme? Grek Injilinde bu söz «husyt», «gysganç», «açgöz» manylaryny berýär.

Başga sözler bilen aýdylanda, Isa dünýä we adamlara betbagt, görip adam ýa-da sahy, mähirli, myhmansöýer ýüregiň gözleri bilen seredip biljekdigimizi aýdýar. Adamlara bolan garaýşymyz biziň içki ýagdaýymyzy görkezýär diýip Isa aýdýar. Biziň ýüregimiz ýa ýagty, ýa-da garaňky bolýar. Bu diňe bir şahsy ýagdaýymyza we özümizi nähili duýýandygymyza bagly bolman, eýsem beýleki adamlar we Hudaý bilen gatnaşyklarymyza hem baglydyr. Görip adam hiç wagt göriplik edýän adamlary bilen gowy gatnaşykda bolmaz, açgöz adam kömek etmezlik üçin ýüz öwürenleri bilen hiç wagt gowy gatnaşykda bolmaz.

Hudaýyň başga ülňüler boýunça ýaşaýan adam bilen we Hudaýyň Özüniň düzgünlerine däl-de, başga ýörelgelere esaslandyrýan adamlar bilen hiç wagt gatnaşygy bolmaz. Hudaý biziň kemçiliklerimizi we günälerimizi meýletin bagyşlaýar. Ýöne bagyşlamaýanlary bagyşlamaýar, göripleri diňlemeýär we aslynda özüniň butparazlygy bilen puly söýýän adam bilen gatnaşmaýar.

Biziň pikir edýän zadymyz möhümmi? Hawa, elbetde! Bu bize täsir edýär. Biziň daş-töweregimizdäki dünýäni

nähili görýändigimiz möhümmi? Hawa, elbetde! Bu biziň hakyky aslymyzy kesgitleýär: «Kalby päkler üçin hemme zat päkdir».

Mukaddes Ýazgyda mukaddes etmek üçin örän ýönekeý we kesgitli bir formula bar: «Mukaddes Ruhuň ýörelgesinden ýöräň. Şonda siz ynsan höweslerine eýermersiňiz»; «Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir. Biz hem ýüzümizi basyrman, Rebbiň şöhratynyň ýalkymyny görýäris. Rebbiň Ruhy ählimizi gitdigisaýy nurlandyryp, bizi Öz keşbine özgerdýär».

# MESIHILIGE BAGYŞ EDILMEKLIK BIRAZ BOLUP GEÇMEÝÄR

*Eline azaly alansoň yzyna seredýän adam Hudaýyň Şalygyna mynasyp däldir.*

ISA MESIH

Biz barybir ahyrsoňy geň adamlar. Biz alymlaryň beýik açyşlaryna haýran galýarys, indiki çempionyň rekord derejede ýokary bökmegine haýran galýarys, meşhur skripkaçynyň wirtual çalşyna haýran galýarys. Köp ýyllyk işiň, berk gözlegleriň, yzygiderli taýýarlygyň, gündelik repetisiýalaryň bu üstünlikleriň arkasynda durýandygyny biz bilýäris. Biz owadan, asuda maşgalany görýäris — munuň aňyrsynda çagalaryna özlerini bagyş eden ene-atalaryň bardygyny bilýäris.

Gysgaça aýdanymyzda, üstünlik gazanmak üçin yhlas etmegiň gerekdigini bilýäris. Maşgala, ylyma, sporta,

aýdym-saza özüňi bagyş etmek… Ýöne ylymdaky käbir açyşlar beýleki täze açyşlar bilen çalşyrylýar, täzeden täze rekordlar goýulýar, meşhurlyk gelýär we gidýär.

Muňa garamazdan, adamlar hemme zady, bütin ömrüni bu wagtlaýyn zatlara bagyşlaýarlar. Biz muny owadan we dogry hasaplap, muňa haýran galmaýarys.

Ýöne näme üçin Hudaýa, ýygnaga, missiýa hyzmat etmek barada aýdylanda, biz «şeýle-de bolar» diýip pikir edýäris? Bizde pulumyz köpeldi — biziň üçin gullukdan has möhüm bir zat bar ýaly görünýär: mebelleri köp wagtdan bäri çalyşmadyk, boş wagt peýda boldy — weýran edilen buthanalary görmek üçin uzak ýurtlara gidýäris, ýöne hepdäni garry ene-atalarymyza bagyşlamak ýa-da ybadathananyň gurluşyk meýdançasynda işlemek pikirlerini edil bizar ediji siňek ýaly kowýarys. Biz Hoş Habarda şuny okaýarys: Isa oňa şeýle diýdi: «Eline azaly alansoň yzyna seredýän adam Hudaýyň Şalygyna mynasyp däldir» (Luka 9:62) — şonda biz ýüregimiziň nähili urýandygyny duýýarys. Pikir: «Eýsem bu men hakda dälmi?» Aladaly pikir. Bu möhüm. Mesihiň yzyna eýermekde näbelli, ýöne aç-açan ýalňyşlyk hakda alada edýäris. Hudaýyň Sözi ýüregiň çuňlugyna aralaşýar we pikirlerimize we duýgularymyza baha berýär.

Bagyş edilme biraz bolup geçmeýär. Doly bagyş edilme bolmazdan, üstünlik bolmaz, Hudaýa doly bagyş edilme bolmazdan, miweli durmuş bolmaz.

# KADADAN ÇYKMASYZ

*Şonuň üçin hem Hudaýyň*
*birleşdirenini ynsan aýyrmasyn.*

Isa Mesih

Biziň dünýämizde otnositel zatlar bar, ýöne üýtgewsiz zatlar hem bar. Kadadan çykmasyz düzgünler bar. Bu diňe bir rus diliniň düzgünlerine däl-de, eýsem Mukaddes Ýazgylara-da degişlidir. Hudaý maşgala degişli düzgün belledi, ýagny Isa Mesih muny şeýle kesgitledi: «Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birleşýär we olaryň ikisi bir ten bolýar. Şeýlelikde, olar indi iki däl, bir tendir. Şonuň üçin hem Hudaýyň birleşdirenini ynsan aýyrmasyn».

Hudaý maşgalany şunuň ýaly bozulmaz binýadyň üstünde ýaratdy, bu ärine, aýalyna we çagalaryna ynam, rahatlyk we şatlyk berýär. Şonuň üçin Mukaddes Ýazgy bu binýady weýran edýän hemme zat hakda aýratyn kategoriýadyr. Hudaý Mukaddes Kitapda

munuň haýsy binýatda berk nika gurulýandygyny aýdyň görkezýär. Ol nämäniň öňüni almalydygyny, nämelerden ägä bolmalydygyny, nämäni bellemelidigini aýdyň düşündirýär.

Maşgalanyň Hudaý üçin ähmiýetini bilýän şeýtan, maşgalany ýok etmek üçin elinden geleni edýär. Jedeller, dawa-jenjeller, aýrylyşmalar — bular häzirki zaman jemgyýeti we dünýä maşgalalary üçin gündelik hadysadyr. Ýöne ýygnagyň öňünde, imanly maşgalalaryň öňünde duşman durmaýar: ol gatnaşyklary bozmak, birek-biregi ynamdan mahrum etmek we maşgalany dargatmak üçin ähli tagallalary edýär.

Eger mesihiler öz maşgalalary üçin ägä bolmasalar, ýitgi gaty agyr bolar.

# DERT ÝAMANY GARRYLYK

*Dogrulyk ýolunda agaran*
*saç hormat täjidir.*

Süleýman

Bu nakyly hemmeler bilýär. Onuň bilen razylaşmak üçin garry bolmak hökman däl.

Biziň özümiz garraýarys, şeýle hem töweregimizde garry adamlar gaty köp. Rus halk paýhasynyň dogrulygyna şübhelenýänler seýrek bolýar. Mukaddes Kitapda şeýle mysallar bar: Ybraýym, Musa, Ýeşuwa…

Täze Ähtde Simun ýa-da Anna ýaly garry goja ýa-da garry aýal bilen tanyşmak seýrek duş gelýän şatlyk. Näme üçin beýle? Mysal üçin, Ybraýym garrylygynda-da näme üçin maksada okgunly bolupdyr? Meniň pikirimçe, onuň maksady bardy. Ol ýerdäki durmuşyndan daşdady. Şonuň üçin bu barada Mukaddes Ýazgyda şeýle kesgitli ýazylan: «Iman arkaly ol Hudaýyň wada beren ýurdunda

gelmişek bolup ornaşdy. Yshak bilen Ýakup hem Ybraýym ýaly bu ýat ýurtda çadyrda ýaşadylar, sebäbi olaram Hudaýyň beren şu wadasynyň mirasdarlarydy. Çünki Ybraýym Hudaý tarapyndan bina edilýän we gurulýan berk binýatly şähere garaşýardy».

Köne Ähtiň galan iman gahrymanlary hakda-da şonuň ýaly ýazylan: olar geljek bilen ýaşadylar, şonuň üçin hem häzirki döwrüň gahrymanlary boldular. Simun we Anna hakda hem şeýle ýazylan, olar «umyt baglaýardylar», ýagny geljege, Hudaýyň wadalarynyň amala aşmagyna garaşýardylar. Hut şu garaşmak durmuşy, şol bir hatda ýazylyşy ýaly, olary miweli garrylyga ýetirdi, baý manyly we görelde almaga mynasyp etdi: «Hudaýyň sözüni size ýetiren ýolbaşçylaryňyzy ýada salyň. Olaryň nähili gowy durmuşda ýaşap geçendigi barada pikir ediň. Olaryň sadyklygyndan görelde alyň».

# HÄKIMIÝET

*Sebäbi pul höwesi ähli*
*bela-beteriň körügidir.*

RESUL PAWLUS

Biziň üstümizden ygtyýarlyk edýän zat, bize gözegçilik edip dolandyrýar. Bu hakykatdan gaçyp bolmajak hakykat. Hudaý Mukaddes Ýazgylar arkaly adam üçin iň gowy zadyň Hudaýyň hökümdarlygynda ýaşamak, Onuň Patyşalygynyň raýaty bolmak, Onuň kanunlaryna boýun bolmakdygyny aýdýar. Bu kanunlar ýönekeý we düşnükli, şeýle hem biziň ýaşaýan dünýämiziň ygtyýarlygyndan azat bolsak, olary ýerine ýetirmek asla kyn däl. Bu dünýäniň kanunlary, Hudaýyň Patyşalygynyň kanunlaryna gönüden-göni garşy gelýär. Biz muny bilýäris, muňa düşünýäris, aň ýetirýäris we olara boýun bolmazlyga synanyşýarys. Emma dünýä adamlary özüne çekýär, öz ýaşaýyş

durmuşyna baglaýar, olaryň isleglerini we arzuwlaryny özüne tabyn edýär.

Adam diňe biraz dynç almak, biraz gowşap, dostlary bilen wagt geçirmek isleýär — şeýdip, nädip arakhor bolandygyny duýmaýar; «durmuşdan yza galmaz ýaly, birneme başga zat bilen meşgullanmak üçin» özüne kompýuter satyn alýar — şeýdibem, kompýuter oýunlarynyň guly bolýar; iň bolmanda birazajyk maliýe garaşsyzlygyny gazanmak üçin ikinji işe girýär — şeýdibem, onuň pikirleri we arzuwlary puluň köpelýän mukdarynda jemlenip başlanýar. Dünýä biziň erkimizi boýun egdirýär, erkimizi güýçlendirýär, gul edýär, adamyň ýüregini gymmatlyklara bolan söýgi bilen baglaýar.

Aýratynam, ol pul bilen baglanyşykly adamyň erkin ruhuny basyp almakda üstünlik gazanýar. Hudaý bu barada bize tutanýerli duýduryş berýär. Isa bu howp hakda başga zatlara garanda has köp aýtdy.

«Siz hem Hudaýa, hem baýlyga hyzmat edip bilmersiňiz» — diýip, Ol çürt-kesik yglan etdi. Üç ýyllap Onuň ýanynda okan resullar bu hakykata düşündiler we bu hakda ýygnaga duýduryş berdiler. «Sebäbi pul höwesi ähli bela-beteriň körügidir» — diýip, Pawlus şägirdi Timoteosa ýazýar we Kolosiýadaky ýygnaga ýazan hatynda ol muny has düýpli beýan edýär: «Şonuň üçin hem dünýewi tebigatyňyza mahsus bolan azgynlygy,

ahlaksyzlygy, haram keýpi, pis höwesleri we butparazlyk bilen deň hasaplanýan açgözlügi öldüriň».

Biziň her birimiz ýüregimiziň erkindigi ýa-da özümizi boýun egdiren hyjuwyň «agyzdyrygyny çeýneýändigimiz» hakda pikir etmelidiris.

# KIM BILEN PAÝLAŞARSYŇYZ?

*Emma Meniň berjek*
*suwumdan içen asla suwsamaz.*

ISA MESIH

Adamda şeýle zerurlyk bar — ýüregindäki zatlary beýlekiler bilen paýlaşmaly.

Ýeňillik gözleýän adamlar birek-birege mätäçlikleri, keselleri, aladalary hakda gürrüň berýärler. Şonda ýeňillik gelýär: gürrüň bereniňizde, kalbyňyza has köp rahatlyk siňen ýaly bolýar. Emma, hakykatdanam, bu ýöne bir «ýaly bolýar». Birnäçe gezek gürrüň bereniňizden soň, ýene bir gezek paýlaşanyňyzdan soň, rahatlygyň ýene ýokdugyny duýýan pursatyňyz gelýär. Diňleýjiňiziň gyzyklanmaýandygyny görýärsiňiz, diňe size mylakatlylyk bilen seredýär we päsgel bermeýär we muny siz birinji gezek gürrüň bermeýändigiňiz ýadyňyza düşýär. Gürrüňiňizi howul-hara aýdyp, utanç

bilen dymýarsyňyz. Biraz wagt geçýär we aladalaryňyzy paýlaşmagyň zerurlygy gaýdyp gelýär.

Käte adam özüni gaty erbet duýýar ýa-da gaty lapykeç bolýar, ýüreginde şeýle bir alada, biynjalyk, gorky bar welin, bu hakda başga birine nädip aýtjagyny bilenok, oňa düşünýän, duýgudaşlyk edýän, nämedir bir zat maslahat berýän gerek. Men bu adamyň doga-dilege zerurlygy hakda aýtmakçy bolýaryn. Haçanda bu zerurlyk dogry çykalga tapmasa, şonda ol adam başga birinden düşünmegini, kömek etmegini, duýgudaşlyk etmegini gözleýär we her gezek özüni söýýän iň ýakyn adamlaryňam oňa doly düşünip bilmeýändigine ynanýar.

Ynsan şeýle bir tertipde gurlan welin, ol Hudaýa mätäç bolýar. Doga-dileg etmek gerek. Muny özüňde we özüň üçin aýan etmek — uly artykmaçlykdyr. Şeýdip, bizde diňlemekden ýadamaýan, hemme zada düşünýän we örän duýgudaş Biri bar, sebäbi Onuň Özi köp görgi gördi, Özi kemsidildi, terk edildi, tüýkürildi we haça çüýlendi.

Doga-dileg — imanly kalbyň uly artykmaçlygydyr. Biziň dileg edýän Kişimiz hemişe bizi diňlejekdigini, hemişe bize jogap berjekdigini, aladalarymyzy hemişe Öz üstüne aljakdygyny wada berdi. Hatda Ol biziň aladalarymyzy Öz üstüne ýüklemegi ýatdan çykarmazlygy bizden haýyş edýär, sebäbi Ol biz barada alada edýär.

Doga-dileg — biziň Gökdäki Atamyz bilen aragatnaşyk saklamagyň ajaýyp, täsin serişdesidir.

# DÖNÜKLIK

*Meniň bilen bolmadyk Maňa garşydyr.*

Isa Mesih

Siz munuň adyny okadyňyz we… dowamyny okamak isleýärsiňiz. Bu hakykatmy? Örän ýakymsyz hadysa — dönüklik bolup durýar. Munuň nämedigini bilýäris we düşünýäris. Biz bu meseläni çagalykdan bäri başdan geçirmeli bolduk. Haçanda siz kimdir birini, edil özüňiz ýaly hasaplap, janyňyzy bermäge taýyn bolan adamyňyz, birdenkä siziň syryňyzy başga birine satýar. Soňra sende şeýle pikir peýda bolýar: dostuňa ýa-da joraňa bil baglap bilmeseň, indi nädip ýaşap bilersiň?! Hawa, biz dönükligiň, ikilik etmegiň nämedigini bilýäris. Çagalygymyzdan watana dönüklere, duşmanyň gullugyna girenlere, içalylara ýigrenç bilen garamaklyk öwredildi.

Näçe nikalar bozuldy, sebäbi biri ýa-da beýlekisi, käte ikisi-de, başda özlerine «bigünä» ýaly bolup görnen, başga birileriniň ünsüni gözlediler?! Olar näz-

kereşmeli oýnaşyp, nädip öz söýgüsine, öz maşgalasyna, öz çagalaryna dönüklik etdiler… Hudaý köp okyjylary şeýle agyrydan halas edendir diýip umyt edýärin. Emma biz munuň nämedigini bilýäris. Şonuň üçin hem, Hudaý yrymlaryň, butparazlygyň, okkult amallarynyň islendik görnüşini dönüklik bilen deňeşdirýär. Jadygöýlere ýüz tutan, goroskoplary okaýan, düýş kitaplaryna ynanýan, psihika tarapyndan bejergi alýan adamyň, nika gatnaşyklarynyň zyna edilişi ýaly, Hudaý bilen gatnaşygy bozulýar.

Oýnaşmagyň zyýanly bolşy ýaly, medeniýetimizi, mekdeplerimizi, lukmançylygymyzy, tutuş jemgyýetimizi basýan hadysalar, amallar, taglymatlar hem zyýanly we erbetlikden doldurylan bolup, bularyň arkasynda nur perişdesiniň keşbinde Lýusifer dur. Mesihi durmuşy — bahar tokaýyndaky gezelenç däl, deňiz kenarynda dynç almak däl-de, eýsem «partizançylyk urşydyr».

Biz duşmanyň territoriýasynda ýerleşýäris, biz — Patyşalygyň raýatlarydyrys, Patyşamyzyň sözlerine görä, biz bu dünýä garşy däl-de, «gökdäki ýowuz ruhy güýçlere» garşy söweşýäris. Goý, Onuň Özi bize her bir duşman güýjüne, her synaga, her bir «dünýä bilen dostluga» garşy durmakda ýeňiş bersin. Biz Kime degişlidigimizi bilýäris, biz Kimi söýýändigimizi we ömrümizi Kime bagyşlaýandygymyzy bilýäris. Ol «bize Patyşalyk bermekden» hoşal boldy.

# ŞAHSYÝET

*Gökde olaryň perişdeleri gökdäki*
*Atamyň ýüzüni elmydama görýärler.*

Isa Mesih

Men ýene bir täze doglan agtygymy elimde saklap durun — ol kiçijik, ýeňiljek we maňa gaty ejiz, goragsyz ýaly görünýär. Men haýran galýaryn we pikirlenýärin: näme üçin Hudaý çagalary, tä olar özbaşdak bolýançalar, olary terbiýelemek üçin ene-atalary köp wagt we güýç, üns we söýgi sarp etmeli etdi?

Ene-atalar ömrüniň ýarysyny ýa-da üçden birini çagalaryna bagyşlaýarlar. Olaryň durmuşyny, meselelerini çözüp, geljegini kesgitleýärler. Men agtygymy gujagymda saklaýaryn we şeýle pikir edýärin: gaty kiçi, goragsyz, garaşly, ýöne şahsyýet. Elbetde, ol Hudaý bilen gönüden-göni işleýän adam. Bu çaga bilim bermek, ony kemala getirmek, ideg etmek üçin ene-atalara Hudaý tarapyndan ynanyldy. Hudaý her bir çagany aýratyn şahsyýet

hökmünde şeýle görýär. Biz ulular muny şeýle edýärismi? Çagalaryň islegine we arzuwlaryna hormat goýýarysmy? Olara özümiz bilen deň ýa-da bizden pes jandarlar hökmünde seredýärismi, olar bize boýun bolmaga we biziň islegimiz boýunça ýaşamaga borçlumy?

Ene-atalaryň öz çagalaryna bolan esasy jogapkärçiligi näme? Erkin, kämillik ýaşyna ýeten, ähli tarapdan Hudaý bilen şahsy gatnaşyk gurmaga ukyply adamyň emele gelmegine ynanýaryn. Biz çagalar bilen iş salşanymyzda, Hudaýyň Özüniň gyzyklanýan adamlary bilen iş salyşýarys. Biz çagalaryň terbiýesi, olaryň emele gelmegi üçin, bize ynanan Hudaýyň öňünde we çagalaryň öňünde jogapkärçilik çekýäris. Munuň üçin bolsa, Ol bize ýeterlik wagt berdi. Emma hemmämiziň bilşimiz ýaly, ilki başdaka garanda bu has çalt geçýär.

Men agtygymy elimde saklaýaryn. Ol maňa ýylgyrýar. Hudaý bilen, balam!

# ...WE BAŞGASY ÝOKDUR

*Men Rebdirin, başgasy ýokdur,*
*Menden başga Hudaý ýokdur.*

Işaýa pygamber arkaly Hudaý

Dürli medeniýetler, dürli döwürlerde dürli halklar Hudaý hakda düýbünden başgaça pikir edipdirler we häzirem şeýleler bar. Hudaýyň ynsan aňynyň önümidigini öňe sürüp, «ylmy» ateizm peýda boldy. Mukaddes Kitap — Hudaýyň Özi hakdaky aýanlygy bolup, ol öz öňünde Hudaýyň bardygyny subut etmegi maksat edinmeýär. Ol bize, okyjylara we imanlylara Hudaýy açyp görkezýär. Biz ony näçe köp okanymyzda, çuňňur öwrenenimizde, Onuň keşbi bize aýdyň görünýär. Ynsan ýüregi Hudaýa, Onuň bilen aragatnaşyga we Ony tanamaga teşne bolýar. Dürli dinler, kultlar we pelsepe ulgamlary bu teşneligi kanagatlandyrmaga synanyşýarlar. Ateizm diňe şahsyýet kultuny hödürleýär. Bu bir halkda dünýä proletariatynyň

beýik lideri, beýlekisinde beýik serdar, başga birinde bolsa, beýik komendant…

Adamlar ýolbeletsiz, imansyz, binýatsyz ýaşap bilmezler. Bu bolsa, biziň Hudaý tarapyndan ýaradylandygymyzy aýdyň görkezýär. Biz Onuň üçin, Onuň bilen gatnaşyk etmek üçin ýaradyldyk. Onuň bilen ebedi aragatnaşyk üçin ýaradyldyk. Asyrlar boýy adamlar ynsanyň kalbyna ornaşan bu bileleşige bolan gutulgysyz isleglerini kanagatlandyrmaga synanyşýarlar, olar muny dürli däp-dessurlar bilen, diňe şular ýaly birleşmek üçin bir zatlar etmek bilen synanyşýarlar. Bu däp-dessurlar dürli dini ulgamlarda we taglymatlarda öz beýanyny tapypdyr. Adamlar Hudaý ýa-da hudaýlar hakda öz pikirlerini ösdürdiler, Mukaddes Ýazgyda kesgitlenişi ýaly, olar «Ýaradana däl-de, ýaradylan zatlara sežde edip başladylar».

Emma älem-jahany we biziň ýaşaýan dünýämizi Mukaddes Kitapda adamzada aýan eden Hudaý Işaýa pygamberiň üsti bilen şeýle diýýär: «Men Rebdirin, başgasy ýokdur, Menden başga Hudaý ýokdur» (Işaýa 45:5).

Goý, biziň dilegimiz amala aşsyn, Onuň barlygyna düşünip, duýup, Onuň bilen gatnaşygymyza begenmegimiz üçin, Kanun çykaryjynyň Özi Öz Sözüni biziň hemmämiz üçin janlandyrsyn.

# BAŞGA BIRI ÜÇIN ÝER ÝOK

*Olaryň ýüregi butlarynyň yzyna eýerendigi üçin,*
*Meniň hökümlerimi ret etdiler.*

EZEKIÝEL PYGAMBER ARKALY HUDAÝ

Beýik pygamberler Işaýanyň we Ezekiýeliň kitaplaryny öň birwagt okapdyňyzmy? Olaryň çykyş edýän sesinde alaw urýar. Ysraýylyň Hudaýy Rebbiň Sözüni wagyz edip, ýyldyrym sesi bilen gürläp, yhlas bilen gürleýän bir pygamberi göz öňüne getiriň. Emma halk diňlänok. Adamlar gülýärler. Adamlar Sözi ret edýärler. Näme üçin? Sebäbi «bu adamlaryň ýüregi butlara baglandy» (Ezekiýel 14:3). Söz olar üçin boş boldy, welilik — tymsal, umyt — esassyz boldy. Ysraýyl Aşura, Ýahuda bolsa Babyla sürgün edildi. Iýerusalim ýykyldy, ybadathana ot bilen ýakyldy, Äht sandygy we Ysraýyl Hudaýy Rebbiň daş sahypalaryna Öz eli bilen ýazan Kanuny ýitdi.

Adamlar öz ýüreklerine eýerdiler. Butlar üçin ýüreklerinde ýer tapdylar. Rebbiň Öz halkyna gabanjaňlyk derejesinde söýýändigini aýtmagy biderek ýere däldir. «Erbet butlary gözleriniň alnynda bolan bu halka Men nädip jogap berip bilerin?» — diýip, Reb pygambere aýdýar.

Köplenç özümiz bilen Rebbimiziň arasynda näme üçin perdäniň bardygyny soraýarys. Bir zadyň biziň gatnaşyklarymyza päsgel berýändigine düşünýäris. Bu ýagdaýda etmeli ilkinji işimiz — biz ýüregimiziň Rebbe däl-de, başga köp zada baglydygyny tapmakdyr.

Reb adamyň ýüregine köp üns berýär. Biz muňa gaty gowy düşünýäris, sebäbi biz ýakynlarymyzdan — aýalymyzdan, ärimizden şeýle bolmagyna garaşýarys. Biz olaryň ýüreginiň bize bölünmezden üns bermegini isleýäris. Şübhe ýa-da gabanjaňlygyň kölegesi bize nähili agyry berýär! Hudaý bizi göz öňüne getirişimizden has köp söýýär. Ol islendik butparazlygy ýigrenji hasaplaýar, sebäbi «ýüreginde butlara ýol berýän» adam Hudaýa Onuň duşmany şeýtan bilen dönüklik edýär. Bu aýdyňmy? Siz bolsa, pygamberleriň kitaplaryny okaň. Olar bu meselede Hudaýyň duýýan, pikir edýän we aýdýan zatlaryny ýazdylar.

# HAÝAT

*Şindi ähli zady öçügsi*
*aýnadan gören ýaly görýäris.*

RESUL PAWLUS

Meniň pikirimçe, biziň her birimiz beýik agaç haýat bilen gurşalan gurluşyk meýdançasyndan geçmeli bolandyrys. Käte haýatlarda gurluşyk meýdançasynda gurulýan binanyň şekili çekilýär. Biziň şäherimizde doganlyk jemgyýeti täze ybadathana merkezini gurdy. Uly bina, döwrebap, owadan we örän amatly. Jemgyýet arhitektorlaryň we gurluşykçylaryň näme gurandygyny her kim görüp biler ýaly açyk gapylar gününi gurnady. Men muny haladym.

Gurluşyk meýdançasy ýylboýy beýik haýat bilen gurşalandy we üstünde gurlan binany şekillendirýän ullakan afişalar ýerleşdirilipdi, afişada daş-töwereginde penjireler, agaçlar, girelgäniň basgançaklaryndaky adamlar görkezilendi… Biz köplenç işimize bu gurluşyk

meýdançasynyň üstünden geçýärdik. Biz bu merkezi binanyň taýýar görnüşini görmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Ýöne sen muny afişalarda gördüm diýýärsiň. Hawa, gördüm. Ýöne afişalarda görkezilenler bilen saparymda öz gözüm bilen görenlerimiň arasyndaky tapawut — ägirt uludyr.

Açyk gapylar güni men zallarda, ofislerde, hyzmat otaglarynda gezip ýörkäm, täze boýagyň we täze halylaryň ysyny duýdum, täze mebelleriň ýylmanakdygyny we täze oturgyçlaryň oňaýly ýumşakdygyny duýdum... Şeýle hem men adamlar bilen gürleşdim, olaryň teswirlerini eşitdim, ýygnak agzalarynyň şatlanýandyklaryny uly gyzyklanma bilen synladym. Bularyň hemmesi gurluşyk meýdançasynyň töweregindäki diwaryň afişalarynda ýokdy.

Hudaý Özi bilen gatnaşyga çagyrýar. Hudaý «töweregindäki» haýaty aýyrdy, ýagny ol Hudaýy göz öňüne getirip we suratlandyryp boljakdygyna karar beren adamlar tarapyndan gurlandy. Hatda Ol ony gurmagy-da gadagan etdi: «Özüň üçin ýokarda — gökde, aşakda — ýerde ýa-da ýer asty suwlarda ýaşaýan zatlaryň hiç birine meňzeş şekilde but ýasama. Sen olara tagzym etme ýa-da olara gulluk etme, çünki Men Hudaýyň Reb — gabanjaň Hudaýdyryn...»

# MUNUŇ ÄHMIÝETI BARDYR

*Men hemişe, tä dünýäniň ahyryna çenli siziň bilen bolaryn.*

ISA MESIH

«Iň esasy zat, ine, men sizden nämä garaşýan» — diýip, biz çagalarymyza aýdýarys we gaýdyp gelmezden ozal olaryň etmeli zatlarynyň hemmesini sanap geçýäris: gap-gaç ýuwuň, otaglary arassalaň, howlyny ýa-da ýanýodany süpüriň… Ýöne iň möhüm görkezme: «Dawa-jedel etmäň, ot bilen oýnamaň, öýe keseki hiç kimi salmaň, biziň maşgalamyzyň abraýyny gaçyryp biljek hiç zat etmäň!»

Biz siziň bilen duşmançylykly dünýäde ýaşaýarys. Hudaý biziň diňe Onuň düzgünlerine, buýruklaryna eýerenimizde, howpsuzlykda bolýandygymyzy bilýär. Ol biziň öz güýjümiz bilen Onuň mukaddesligine, Patyşalygynyň kanunlaryna laýyklykda ýaşap bilmejekdigimizi bilýär.

Şonuň üçin Ol bizi Özi bilen ýaşamaga çagyrýar. Mundan başga-da, Ol bizde ýaşamaga taýyn! Bu buýruklaryň ýerine ýetirilmeginiň arasyndaky düýpli tapawut gowy we öwgä mynasyp bolan Hudaýy razy etmekdir we Täze Äht hakykaty — Ol bizde ýaşamak bilen bizi bu buýruklara laýyklykda ýaşamaga ukyply edýär. Onuň Özi, Mukaddes Ruhy bizde ýaşaýar. Sebäbi «bize berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar». Bizdäki Onuň bu durmuşy, Onuň Patyşalygynyň kanunlarynyň ýerine ýetirilmeginde ýüze çykýar.

Söýgi ilkinji nobatda aragatnaşykda ýüze çykýar. Şonuň üçin är-aýalyň hemme zat hakda jikme-jik biri-biri bilen gürleşmegi gaty möhümdir. Çagalaryň öz soraglaryny, şatlyklaryny we meselelerini ene-atalary bilen paýlaşmagy gerek. Ene-atalar çagalary bilen özleriniň gowy we erbet gaýgy-aladalaryny paýlaşmaly, olara özleriniň durmuşyna gatnaşmaga mümkinçilik bermeli.

Hudaýa bolan biziň söýgimiz hem ilkinji nobatda doga-dileg etmek bilen Onuň bilen gatnaşygymyzda ýüze çykýar. Biz Oňa ýüzlenip bilýäris, älem-jahanyň Ýaradyjysy, dünýäniň Ýaradyjysy bilen, Rebbimiz, Halasgärimiz we Atamyz bilen gürleşýäris!

Şeýle hem doga-dilegimizde bolsa, Rebbimizi gynandyrýan oýlanyşyksyz lenç edilen zatlara, düşünilmeýän formulalara ýer ýok. Adyny biderek ýere

gaýtalamaýarys, ýöne hakykatdanam bizi diňleýän Onuň bilen gürleşýäris. Oňa bolan hormatymyzy we Oňa bolan söýgimizi görkezýän sözleri saýlaýarys.

Ýöne şonda-da, biz Onuň bilen däl-de, başgalar bilen gürleşenimizde hem Onuň adyny nakyl hökmünde biderek ulanmaýarys. Dogry dälmi? Ol biziň bilendir.

Ol eşidýär. Bu ony gaty gynandyrar! Hatda Ol şeýle buýruk berdi: «Hudaýyň Rebbiň adyny boş ýere agzama, çünki Reb Öz adyny boş ýere agzan adamy jezasyz goýmaz».

# BU SUPERNOWA ÝYLDYZYNYŇ PARTLAMASYNDAN HAS ULY

*Sen Meniň Oglumsyň,*
*bu gün Men Saňa Ata boldum.*

Hudaýyň Isa Mesih hakda aýdany

Roždestwo. Ýuwaş gyş agşamy, uzakdan jaňlar ýaňlanýar. Alagaraňky agşamda her dürli reňkde ýagty saçýan grilýandlar köçeler arkaly uzaklara ýaýraýar. Bezelen arça agaçlary. Roždestwo arça agajynyň aşagyndaky sowgatlar. Näzik ýüzleri bilen ähli şekiller bolan gowak: akyldar adamlardan gölä çenli bar. Ýok, bu Roždestwo däl.

Ahyrda ýatan Çaga — Ýaradyjy, Älem-jahanyň Patyşasy Hudaýdyr! Gökler açyldy! Ýaradanyň Özi Öz ýaradylyşyna baryp gördi. Indi hiç zat öňki ýaly bolup

galmaz. Hudaýyň Özi biziň ýykylan dünýämize geldi we hemmämiziň pikir edişimiz ýaly, Hudaý tarapyndan ýatdan çykarylan dünýä geldi. Ol bar! Ol şu ýerde!

Ol «gökdäki şöhratyny taşlap», bize geldi — diýip, Ol hakda Mukaddes Ýazgyda aýdylan. Ol Hudaý tarapyndan iberilişi ýaly, Halasgär bolup, «Hudaý biziň bilen» diýmegi aňladýan — Imanuwel hökmünde geldi.

Hudaý Özüni biz arkaly tanadýan bolsa, näme üçin Hoş Habary getirýän adamlar bilen näçeräk tanamalydygymyz baradaky birtopar jedeller bar?! Hudaýyň Özi biziň dilimizde gürleýän bolsa we zaýalanan ýüregimize Mukaddes Ruh bilen «süňkleriň ýiligine» degse, habary adamlara elýeterli we düşnükli etmek üçin näçeräk zerurlyk bar?!

Munuň düýp esasy — düýp manysy bolsa, islendik görnüşde özenini saklaýar. Ýöne formalaryň özleri wagyz etmegimiziň özenine öwrülen bolsa we manysy forma roluny oýnap başlasa, biz iň möhüm zady — halklaryň medeniýetini kemala getirmäge güýji bolan Hoş Habaryň gudratly güýjüni sypdyrdyk, adamdaky iň çuň döredijilik mümkinçilikleri dikeltmegi, durmuşy hakyky mukaddesligiň şöhlesi we Hudaýa doly bagyş edilmek bilen doldurmagy sypdyrdyk.

# BAKYLYGA GALTAŞMAK

*Biz bolsa iman edendigimiz üçin,*
*dynçlyk mekanyna gireris.*

RESUL PAWLUS

Mukaddes Kitabyň ilki başyndaky sözler syrly we tolgundyryjy ses berýär: «Başda Hudaý gögi we ýeri ýaratdy...» Ýaradylyşyň beýanyny okamagyň özi birnäçe minut wagt alýar, ýöne onuň içinde näçe hereketler we ajaýyplyklar bar, bu tekstde ençeme maglumat jemlenendir!

Ýöne indi Hudaý ýaradyp gutardy: «Hudaý Öz ýaradan zatlarynyň juda gowudygyny gördi. Şeýdip, gije geçip, daň atdy. Bu altynjy gündi... Hudaý ýedinji günde ähli işini tamamlap, şol gün dynç aldy. Hudaý ýedinji güni aýratyn gün hökmünde ýalkady, sebäbi Ol şol gün ähli ýaradyş işlerini tamamlap, dynç aldy». Wagtdan we giňişlikden has ýokary bolan Hudaý älemi ýaratdy we ýaradylyşy ýedi güne böldi. Ýedinji gün, Onuň

dynç güni. Öz Kanuny bilen (hem dini, hem biologiki) Hudaý adamy şol bir ritmde bejerdi: alty gün iş — bir gün dynç. Hudaý bu Kanuny belent maksat bilen göz öňünde tutdy: adama ebedi, Hudaýyň dynçlygynyň bardygyny, adamyň bu Hudaýyň dynç alşyna geçmäge mümkinçiliginiň bardygyny hemişe ýatlatmak üçin. Wagtlaýyn zatdan bakylyga geçmeklik bardyr. Mesih Özüne iman eden adamyň ölümden ýaşaýşa geçýändigini, ebedi ýaşaýşynyň bardygyny aýtdy. Ýagny imanly adam Hudaýyň şol dynç gününe girýär, bu Hudaýyň döreden Sabat gününiň kölegesini ýa-da nyşanyny beýan edýär.

Ýewreýlere ýazylan hatyň esasy mowzugy, daş sahypalara ýazylan Kanunyň, gökde asyl nusgasy ýazylyp, Musa berlen Kanunyň gapma-garşylygy bolup durýar, bu barada aç-açan we takyk ýazylan: «Biz bolsa iman edendigimiz üçin, dynçlyk mekanyna gireris» (Ýewreýler 4:3). Gürrüň esasan ýedinji gündäki ýaradylyş barada barýar, biz muny indiki aýatlardan aýdyň görýäris. Biziň Isa Mesihe iman etmek bilen wagtlaýyndan bakylyga, Onuň dynç alyşyna geçmek üçin, Hudaýyň wagt hadysasyny («häzir») döredendigi bu tekstlerde aýdyň düşnüklidir.

Onuň Özi şeýle diýdi: «Men size dogrusyny aýdýaryn, Maňa iman eden baky ýaşaýşa gowşandyr».

# HOŞ HABAR, EDIL BOLŞY ÝALY

*Indi magtanara tutarygymyz galdymy?*
*Asla galan däldir.*

Resul Pawlus

Dünýäniň ähli dinleri, ynsanyň barlyşyk üçin ählumumy zerurlygy ýaly, belli bir derejede birmeňzeşdir — Hudaý bilen ýaraşyk. Adama bu diniň käbir talaplaryny ýerine ýetirýän halatynda, halas bolmagyň ýoluny hödürleýärler. Ýagny ähli dinlerde adamyň halas bolmagy — bu adamyň özüniň etmeli işi bolup durýar.

Mukaddes Kitap adamyň iş bilen halas bolman, diňe iman bilen halas edilendigini aýdýar: «Çünki siz iman arkaly Hudaýyň merhemeti bilen halas edildiňiz. Bu siziň öz tagallaňyz bilen bolmady, muny size Hudaý peşgeş berdi. Hiç kim ynsan tagallasy bilen halas boldum diýip öwünmesin» (Efesliler 2:8–9).

Bu nähili bolup geçýär? Bu soraga jogap bermek üçin Mukaddes Ýazgylardan dört sitata seredeliň.

*Birinjisi:* «Çünki tümlükde nur parlasyn diýen Hudaý biziň-de ýüreklerimizi ýagtylandyryp, Isa Mesihiň ýüzünde parlaýan Öz şöhratyny bize tanatdy» (2 Korintoslylar 4:6).

Köplenç şeýle sorag bar: biz halas bolanmy, eger biz hawa diýip jogap bersek, onda biz muny nireden bilýäris diýip soranlarynda, biz Hudaýyň öňünde toba edip, suwda çokundyryldyk diýip jogap berýäris. Bu dogry bolup biler, ýöne beýle jogapda bir zat ýetenok. Men näme diýmekçi bolýaryn? Biz Hudaýy gözlänimiz üçin toba etmedik, ýa-da Mukaddes Ýazgylary gözläp günäkärdigimiz baradaky netijä gelenimiz üçin toba etmedik, ýa-da Isa Mesihiň Halasgärimizdigini Mukaddes Kitapdan öwrenendigimiz üçin toba etmedik, nämedir bir sebäp boýunça toba etmedik… Sebäbi Hudaýyň Özi biziň ýüreklerimizi nurlandyrdy, garaňkylykdan ýagtylyga çagyran Onuň Özüdir, biziň özümiziň günäkärdigimizi, Isa Mesihiň bolsa Halasgärimizdigini görmegimiz üçin, Ol biziň ýüreklerimizi nurlandyrdy. Petrusyň Isanyň soragyna nähili jogap berendigi ýadyňyzdamy, Ol şägirtleriniň Özüni kim hasaplaýandygyny sorapdy, Ol şeýle jogap berdi: «Sen diri Hudaýyň Ogly Mesihsiň». Isa oňa şeýle diýdi: «Eý, Ýunusyň ogly Simun, sen nähili

bagtly! Bu syry saňa aýan eden ynsan däl-de, gökdäki Atamdyr» (Matta 16:17).

Hudaý diňe bir Öz Ogluny biziň üçin gurbanlyk hökmünde bermän, Oňa ynanmagymyz we iman etmek arkaly halas bolmagymyz üçin Onuň Özi bize ýüregimizi açýar.

Şol sebäpli, munuň nähili bolýandygyny mysal bilen görkezmek üçin, men ilkinji ýygnagyň durmuşyndan bolan bir wakany mysal getirmek isleýärin.

Resullaryň işleri kitabynda resul Pawlusyň Ýewropada Hoş Habary wagyz etmek üçin Hudaý tarapyndan gudratly görnüş arkaly nähili çagyrylandygy beýan edilýär. Gämi bilen Makedoniýa giden Pawlus birnäçe wagtdan soň Rimiň koloniýasy bolan Filippä geldi. Ýöne ol ýerde hiç kim oňa garaşmady, hatda resul Pawlusyň adat boýunça wagyz etmegi üçin ol ýerde sinagoga hem ýokdy. Ol ýoldaşlary bilen birnäçe gününi şäherde geçirdi we şenbe güni olar şäheriň daşyna, birnäçe aýallaryň doga-dileg üçin ýygnanan derýasyna gitdiler. Meniň pikirimçe, wagyzçylarymyzyň köpüsi şeýle kiçijik we diňe zenan diňleýjiler bolandygy üçin gynanandyrlar. Mundan başga-da, men şeýle sitata getirýärin: «Bizi diňläp oturanlaryň arasynda Lidiýa atly bir söwdagär aýal hem bardy. Ol Tiýatira şäherinden bolup, gyrmyzy parçalar satýardy. Bu aýal Hudaýa sežde edýärdi. Pawlusyň sözlerine gulak asmak üçin, Reb onuň ýüregini

açdy» (Resullaryň işleri 16:14). Ine, meniň diýjek bolýan zadym: Reb onuň ýüregini açdy!

Gadyrly okyjy, eger sen toba eden bolsaň, eger sen mesihi bolsaň, eger sen halas bolan bolsaň, munuň sebäbi diňe seniň ýüregiňi Hudaýyň Özüniň açanlygydyr. Hudaýyň Özüniň seniň bilen meşgullanmagy — bu ägirt uly artykmaçlykdyr, ýöne ol jogapkärçiligi hem öz içine alýar. Sen Hudaýy özüň gözlemediň we tapmadyň — Ol saňa Özüni aýan etdi! Sen Isa Mesihiň seniň üçin kimdigini özüň açmadyň — muny Gökdäki Atamyz saňa aýan etdi! Sen özüňiň günälidigiňe özüň aň ýetirmediň — muny Mukaddes Ruh saňa Hudaýyň Sözi arkaly äşgär etdi we mukaddes Hudaýyň nazarynda seniň nähilidigiňi görkezdi! Seniň özüň toba etmediň — Ol seniň ýüregiňe galtaşdy!

Men öz şahsy tejribämden bilýärin, bularyň hemmesi, Hudaýyň aýan eden köp adamy Hudaýa ýüz tutmaýar. Toba edip, Onuň ýanyna gelmeýärler. Oňa öz durmuşyny bermeýärler. Adam nädip Hudaýa garşy durup biler?! Adam Hudaýyň özüne şahsy we göni ýüzlenmesini nädip äsgermezlik edip biler?! Näme üçin? Meniň pikirimçe, men bir tarapdan bu adamlara düşünýärin. Köpler hiç haçan Mukaddes Kitabyň talap edişi ýaly, Hudaýyň ýa-da adamlaryň olardan garaşyşy ýaly ýaşap bilmejekdiklerine ynanýarlar. Takwa durmuş ýörelgesine ynanýan adamlara seretseň, beýle adamlar muny ýerine ýetirmegi başarmaýarlar öýdýärler. Halas

bolmagy özlerine Hudaýyň sowgady hökmünde alyp biljekdigine ynanýarlar, ýöne soň... olaryň nähili mukaddes ýaşajakdyklaryna baglydyr. Hawa, mukaddes diýip bilmek — adam meselesi diýip hasaplasak bolar. Emma Mukaddes Ýazgy näme diýýär? Bu ýerde men resul Pawlusyň Korintoslylara iberen hatyna ýene bir gezek ýüzlenmek isleýärin.

*Ikinjisi:* «Reb Ruhdur. Rebbiň Ruhy nirede bolsa, azatlyk hem şol ýerdedir. Biz hem ýüzümizi basyrman, Rebbiň şöhratynyň ýalkymyny görýäris. Rebbiň Ruhy ählimizi gitdigisaýy nurlandyryp, bizi Öz keşbine özgerdýär» (2 Korintoslylar 3:17–18).

Toba edeninden soň adamda bolup geçýän şol gudratly we owadan zady beýan etmek mümkin däl bolýar. Isa Mesih muny täzeden dogulmak we Ruhdan dogulmak diýip atlandyrýar. Pawlus şeýle ýazýar: «Indi men däl-de, mendäki Mesih ýaşaýandyr» (Galatýalylar 2:20).

Haçanda biz adaty aýna seredenimizde kimi görýäris? Elbetde, özümizi. Eýsem Mukaddes Ýazgynyň aýnasyna seredenimizde kimi görýäris? Elbetde, özümizi däl-de, Mesihi. Günälerimizi däl — Isa olary haça çüýledi! Kemçiliklerimizi däl — Isa olary Öz üstüne aldy. Özümizi däl-de, eýsem biz Ony görýäris! Bu Hudaýyň merhemetinden, biziň mynasyp bolmadyk zadymyzy Onuň bize beren merhemetinden başga zat däldir.

Ýewreýler kitabynda bu barada aýdyň we kesgitli ýazylan: «Sebäbi Ol mukaddes edýänlerini ýeke-täk gurbanlyk bilen hemişelik kämil etdi» (Ýewreýler 10:14).

Özüňde günäni gözlemekden ägä bol, oňa gömülgen towşan ýaly seretmän, eýsem «gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kämilleşdirijisi Isa dikip» ýaşamak has gowudyr! Onuň Mukaddes Ruhunyň bizde ýaşaýandygy, Hudaýyň merhemetiniň bizde peýda bolmagy, Hudaýyň ýeňip bolmaýan, özgeriji güýjüne eýedir. Çünki Isa «biziň üçin Hudaýyň danalygydyr, Ol bize dogrulyk, mukaddeslik we gutulyş boldy» (1 Korintoslylar 1:30).

Bu ajaýyp hakykaty görkezmek üçin men Hoş Habardan mysal getirmek isleýärin.

Isa şägirtleri bilen Iýerusalime gitdi. Onuň şöhraty sähradaky ot kimin giňden ýaýrady. Onuň ýanyna köp adamlar gelýär. Isa Ýerihonyň içinden geçmeli boldy. Ol şäherde Zakkaý atly bir aşa günäli ýaşaýardy: ol salgytçylaryň başlygydy, watan dönügidi. Zakkaý Isany görmek isledi, emma onuň boýy gysga bolansoň, mähelleden ýaňa Ony görüp bilmedi. Şeýlelikde, hatda özi ýaly adamlar bilenem Onuň dostlaşýandygy hakda myş-myşlar bar bolan bu Adamy hiç bolmanda şol ýerden görmek üçin, ol bir agaja çykdy.

Isa ol ýere gelende, ýokary seredip, oňa: «Zakkaý! Tiz aşak düş. Bu gün Men seniň öýüňde galmaly» diýdi. Onuňkyda! Zakkaý beýle mümkinçiligi elden gidermedi. Ol dessine aşak düşüp, otag taýýarlady, saçak ýazdy.

Günäli Zakkaý Isadan hiç hili ahlak ýa-da öwüt sözleri eşitmedi. Isa bilen aragatnaşygy bu aşa günäkäriň kalbynda gudrat döretdi. Zakkaý: «Indi men baýlygymyň ýarysyny garyplara berjek» — diýdi, onuň durmuşy pul gazanmakdan başga hiç zat däldi. Ol: «Kimiň zadyny nähak alan bolsam, dört esse edip gaýtaryp berjekdirin» diýdi. Isa muňa geň galmady. Ol diňe oňa: «Bu gün bu öý halas boldy, sebäbi bu adam hem Ybraýymyň hakyky neslidir» diýdi (Luka 19:9).

Hatda Isa Mesih bilen gysga gatnaşykda bolmak hem bu adama şeýle güýçli täsir edipdi. Şeýle mysallaryň ýene köpüsini getirip bolar. Ýöne esasy pikir, biziň diňe bir halas bolmagymyz däl, eýsem mukaddes bolmagymyz hem Rebbimiziň elleriniň işidir, men muny Mukaddes Ýazgynyň şu ýerdäki ýazylan bilen tassyklamak isleýärin: «Hudaý hatda Öz Ogluny aýaman, Ony biziň günälerimiz üçin ölüme tabşyran bolsa, onda Onuň bilen birlikde beýleki zatlaryň baryny hem eçilmezmi näme?! Hudaýyň saýlap-seçenlerini aýyplamaga kim milt eder? Hiç kim, sebäbi olary Hudaýyň hut Özi aklaýar!» (Rimliler 8:32–33) we Oswald Çambersiň wagzyndan sitata getirmek bilen tamamlaýaryn: «Mukaddeslenme — bu mukaddes durmuş üçin Isa Mesihden güýç almak däldir, ýöne Onda aýan bolan we indi mende ýüze çykan mukaddesligi Ondan almakdyr. Mukaddes durmuşyň ajaýyp syry Mesihe öýkünmek däl-de, mukaddes häsiýetleriniň mende ýüze çykmagyna ýol bermekdir. Mukaddeslenme — bu

«sizdäki Mesihdir». Bu Onuň mukaddes durmuşy bolup, iman boýunça mende döräp, Hudaýyň merhemetiniň garaşsyz peşgeşi hökmünde «maňa güýçli täsir edýär».

Halas bolmak — Hudaýyň işidir, bu düşnükli we mukaddes edilme — Hudaýyň merhemetiniň mynasyp bolmadyk peşgeşidir, biz hem munuň bilen ylalaşýarys. Eýsem Oňa gulluk etmek bilen munuň nähili dahyly bar?

*Üçünjisi:* «Ýöne Hudaýa müň-de bir şükür! Ol Mesihiň dabaraly ýörişine bizi elmydama şärik edýär. Hudaý Özi baradaky bilimi biz arkaly ähli ýere müşk-anbar kimin ýaýýar» (2 Korintoslylar 2:14). Meniň diýjek bolýan zadyma eýýäm düşündiňiz öýdýän.

Hemmelere mälim hakykat: iň gowy mahabat — hoşal bolan müşderi. Ol öz dostlaryna we tanyşlaryna muny halandygyny hökman maslahat berer. «Ol Mesihiň dabaraly ýörişine bizi elmydama şärik edýär» diýen sözlerine ýene bir gezek üns beriň. Eger biziň halas bolmagymyz — Rebde bolsa, eger mukaddes edilmegimiz — Onuň elleriniň işi bolsa, onda nädip biz bagtly we hoşal bolup bilmeris, nädip biz Mesihde ýeňiş gazanyp bilmeris?! Şeýle bagtymyz, biziň bilen gatnaşyga giren adamlaryň hem muny islemegine arzuw döredýär. Eger biz hemme zady Ondan alan bolsak, ol bizde aýdyň görünýär, onsoň adamlar bu bagt üçin kime ýüz tutarlar? Elbetde, bize däl-de, Hudaýa ýüz tutarlar. Biziň çagyryşymyzyň we gullugymyzyň manysy hem şundadyr.

Bir gezek men «Maşgala» gazetinde nädip gowy kaka bolmak hakda makala okadym. Makalanyň soňky gutarýan sözlemi ýadyma düşýär: «Munuň syry ýönekeý: ýönekeý olar boluň».

Ýokardaky aýdylanlary jemläp, Rebbimize gulluk etmekde biz Onuň täsirine doly baglydygymyzy ynam bilen aýdyp bileris. Eger biz başgalar üçin bir zat etmegi başaryp bilsek, kimdir biriniň Mesihe gelmegine kömek eden bolsak, onda bu — Onuň biz arkaly ýaýradýan müşk-anbarydyr. Ýewreýlere ýazylan hatda şeýle ýazylan: «Biz bolsa iman edendigimiz üçin, dynçlyk mekanyna gireris.... Hudaý Öz işlerinden dynyp, nähili dynç alan bolsa, Onuň dynçlyk mekanyna giren adam hem öz işlerinden dynyp, şeýle dynç alýandyr» (Ýewreýler 4:3,10). Hakykaty gözleýän we oňa teşne bolmaga ynanýan adamlar bu rahatlygy bizde tapmak we görmek isleýärler.

Meniň wagzym diňe bir ýakymly hasaplanman, eýsem durmuş teoriýasyndan uzakda bolar ýaly, bu hakykaty durmuş mysaly bilen görkezerin.

Bir gezek men Kiýewdäki ybadathanalaryň birine baryp gördüm. Wagyz gidip durka, münberden uzak bolmadyk ýerde oturan iki aýaly gördüm. Biriniň pikiriçe, onuň ýygnakda täze adamdygy (okyjy düşünsin) derrew belli boldy. Ol gaty üns bilen diňledi. Goňşusy wagyzdan we toba çagyryşyndan soň, ony tirsegi bilen öňe itekledi: hany, öňe çyk. Ol hem öňe çykdy we toba etdi. «Şatlyk

nagmasy» aýdymyny aýtdylar we oňa gül we Täze Äht berdiler. Tirsegi bilen iten garry aýal, çyn ýürekden, gözlerindäki begenç ýaşlary bilen, Rebde aýal dogany bolan aýaly gujaklady we gutlady.

Men täze imana gelen bilen gürleşdim. Ol uniwersitetleriň birinde filosofiýa ylymlarynyň dosenti bolup çykdy. Ony ýygnaga köp ýyl bäri ýanaşyk bir ýerde ýaşap gelýän goňşusy getirdi, ýagny tirsegi bilen iteklän şol aýal… Men onuň üçin begendim.

Şol goňşusy, aýal doganymyzyň ýanyna bardym-da, täze imana gelenlere paýhas we mesihi kitaplaryny ibermek üçin salgysyny kagyz ýüzüne ýazmagyny haýyş etdim. Ol: «Wah, men — diýip, utanç bilen gyzardy-da, — men ýazyp bilemok» diýdi. Men şeýdip onuň salgysyny ýazmadym, henizem muňa ökünýärin. Ondan bäri köp ýyllar geçdi.

Bu mysal bilen men näme diýesim gelýär? Okap bilmeýän aýal, «Mesihiň müşk-anbary bilen» filosofiýa ylymlarynyň dosentini Rebbe getirdi. Esasy zat onda däl-de, ol arkaly Özüniň hoşboý ysyny Ýaýradýandadyr. Ol Öz Patyşalygyny hut şeýle gurýar. Maňa diňe netijäni jemlemek galdy:

> Hudaý biziň halas bolmagymyz üçin hemme zady etdi; Hudaý biziň mukaddes bolmagymyz üçin bizde ähli zady edýär; Hudaý biz arkaly Öz Patyşalygynda ähli zady edýär.

*Dördünjisi:* «Biz hazynalary özünde saklaýan toýun küýzeler kimindiris. Şonuň üçin-de, bu ajaýyp gudratyň bizden däl-de, Hudaýdandygy äşgärdir» (2 Korintoslylar 4:7).

> Indi magtanara tutarygymyz galdymy? Asla galan däldir! Hudaýyň şeýle ajaýyp peşgeşi üçin Oňa alkyşlar bolsun!